№ 2
2026

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
***
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
***
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi



GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN – BEDEW BATLY AT-MYRADYŇ MEKANY
2026

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

***— Bütindünýä welosiped güni dostlugyň we parahatçylygyň, sportuň hem-de ynsanperwerligiň belent ýörelgelerini dabaralandyrýan, jemgyýetimiziň agzybirligini, jebisligini alamatlandyrýan şanly sene hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun tutýar.***

***— Bütindünýä welosiped gününiň şanyna köpçülikleýin bedenterbiýe-sport, sagdyn durmuş-medeni çärelerin, köpçülikleýin welosipedli ýörişiň geçirilmegi sagdynlygyň hem-de ruhubelentligiň ýurdy hökmünde döwletimiziň abraýyny dünýä ýaýýar.***

***— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe köpçülikleýin bedenterbiýäni, Olimpiýa hereketini, sporty ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýäris.***


MASLAHAT KÖŞGI

# GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ HALKYNA

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Sizi milli döwletliligimiziň we bitewüligimiziň mukaddes nyşanlary bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň hem-de Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Adamy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy diýip ykrar edýän Konstitusiýamyz hem-de Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň, agzybirligimiziň, jebisligimiziň ebedilik nyşany bolan Döwlet baýdagymyz biziň milli mukaddesliklerimizdir. Täzelenişi we ýaşaýşy dabaralandyrýan ýaşyl reňkli Döwlet baýdagymyzyň ýüzündäki dünýä nusgalyk haly gölleri milli mertebämiziň, parahatçylygyň, abadançylygyň nyşany bolan zeýtun baldajyklary bolsa ynsanperwerligimiziň dabaralanmasydyr. Biziň her birimiziň gursagymyzda Watana bolan milli buýsanjy oýaryp, täze şöhratly menzillere ruhlandyrýan Döwlet tugumyzda şekillendirilen bäş ýyldyz hem-de ýarymaý agzybirligimiziň we jebisligimiziň sarsmaz kepilligidir.

Esasy Kanunymyz biziň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň, dünýäde giňden rowaçlanýan parahatçylyk söýüjiligimiziň, hoşniýetli goňşuçylygymyzyň, müňýyllyklardan gözbaş alýan milli ýörelgelerimiziň, demokratik taglymatlarymyzyň berk binýadydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu mukaddesliklerimize daýanyp, hukuk we dünýewi döwleti, adalatly raýat jemgyýetini gurýarys, giň möçberli durmuş-ykdysady, syýasy-hukuk özgertmelerini üstünlikli amala aşyrýarys.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň toýlanýan ýylynyň her bir güni Bitarap döwletimiziň parahatçylygyň we dostlugyň, bagtyýarlygyň hem-de abadançylygyň ýurdy hökmünde dünýädäki abraýynyň yzygiderli artýandygyna şaýatlyk edýän halkara ähmiýetli taryhy wakalara beslenýär. Eziz Watanymyzda gazanylýan ajaýyp üstünlikler, aýratyn-da, bu milli baýram mynasybetli Aşgabat şäherindäki Türkmenistanyň Konstitusiýa binasynda we Baş baýdak meýdançasynda, Arkadag şäheriniň, welaýat merkezleriniň hem-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň baýdak meýdançalarynda, ähli şäherdir obalarymyzda guralýan baý öwüşginli dabaralar mähriban halkymyzy uly üstünliklere ruhlandyrýar, agzybirligimizi has-da pugtalandyrýar.

***Eziz watandaşlar!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri ýurdumyzyň täze taryhy belentliklere tarap okgunly öňe barýan döwrüdir. Biz Esasy Kanunymyzyň ynsanperwer ýörelgelerine esaslanyp, şeýle hem milli guwanjymyza öwrülen ýaşyl tugumyzy parladyp, Garaşsyz döwletimiziň iň täze taryhyny döredýäris. Güneşli ýurdumyzyň parahat we bagtyýar geljegi üçin jebislikde ägirt uly işleri durmuşa geçirip, dünýä derejesinde ykrar edilýän ýokary ykdysady üstünliklere eýe bolýarys. Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň binýadyny öňküden hem berkitmek, Bitarap döwletimiziň halkara abraýyny ýokarlandyrmak, kuwwatly, köpugurly ykdysadyýeti döretmek ugrunda täze, has uly wezipeleri durmuşa geçirýäris. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyryny, welaýatlarymyzda täze obalarydyr şäherçeleri, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralaryny, innowasion tehnologiýaly döwrebap önümçilik kärhanalaryny depginli gurýarys. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda düýpli özgertmeleri amala aşyrmak, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak bilen, rowaçlyklaryň, bagtly durmuşyň mekanyna öwrülen berkarar döwletimiziň mertebesini has-da beýgeldýäris.

***Eziz watandaşlar!***

Biz dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we Konstitusiýamyzda hemişelik berkidilen Bitaraplygymyzyň esasy ýörelgelerinden hem-de maksatlaryndan ugur alyp, oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini öňe sürýän Garaşsyz Watanymyzyň halkara abraýyny yzygiderli ýokarlandyrýarys. Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalar, dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklary yzygiderli giňeldýäris. «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgämizden ugur alyp, merdana halkymyzyň döredijilik güýji, watansöýüjilik buýsanjy bilen gazanylýan ajaýyp üstünlikler, ägirt uly mümkinçiliklerimiz şu günümiziň hem-de geljegimiziň beýikdigini ykrar edýär.

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, asuda we abadan durmuş, eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

***Türkmenistanyň Prezidenti***
***Serdar BERDIMUHAMEDOW.***

# SAGDYNLYGYŇ WE RUHUBELENTLIGIŇ BAÝRAMY

***Halkymyzyň abadan durmuşy baradaky hemmetaraplaýyn alada Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda yzygiderli durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Şunda ilatyň saglygyny goramaga, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketiniň ösdürilmegine, sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmagy wagyz etmäge aýratyn üns berilýär. 7-nji aprelde ýurdumyzda Bütindünýä saglyk gününiň ýokary ruhubelentlikde bellenilmegi, baýramçylyk mynasybetli paýtagtymyzda guralan köpçülikleýin welosipedli ýörişe döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň möhüm şertleriniň biri hökmünde sport diplomatiýasynyň yzygiderli ilerledilýändigimiň aýdyň güwäsi boldy.***

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Bütindünýä saglyk güni jemgyýetimiziň agzybirligini we jebisligini alamatlandyrýan sene hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun tutýar. Bütindünýä saglyk gününiň şanyna köpçülikleýin bedenterbiýe-sport, sagdyn durmuş, medeni çäreleriň geçirilmegi sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy hökmünde Watanymyzyň abraýyny dünýä ýaýýar». Şoňa görä-de bu gezekki sport çäresine ýurdumyzyň ýolbaşçy düzümi, daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, welosport boýunça Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň türgenleri, talyplar, Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebiniň, umumybilim berýän mekdepleriň okuwçylary, Döwletliler köşgünde terbiýelenýänler, jemgyýetçilik wekilleri gatnaşdylar.

Köpçülikleýin welosipedli ýörişe döwlet Baştutanymyz Çandybil şaýolunyň we Bekrewe köçesiniň çatrygynda ýerleşýän «Welosiped» binasynyň ýanynda badalga berdi. Hormatly Prezidentimiziň başyny çeken welosipedli ýörişe gatnaşanlaryň hatary paýtagtymyzyň ajaýyp ýollary — Çandy-



## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW: — Halkymyzyň saglygyny goramak, ýurdumyzyň abadançylygyny gazanmak biziň iň uly maksadymyzdyr.

bil we Bitarap Türkmenistan şaýollary boýunça herketini dowam etdi. Köpçülikleýin welosipedli ýöriş şäheriň merkezi böleginde — Ruhyýet köşgüniň ýanynda tamamlandy. Şeýlelikde, paýtagtymyzda geçirilen bu köpçülikleýin welosipedli ýöriş halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň nobatdaky güwäsi boldy.

Bilşimiz ýaly, 1948-nji ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy döredildi. Şol mynasybetli 1950-nji ýyldan bäri, her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni adamlary saglyga ruhlandyrýan, sporta höweslendirýän özboluşly baýram hökmünde halkara derejede dabaraly bellenilýär. Häzirki wagtda dünýäniň 194 döwleti bu abraýly Guramanyň agzasydyr. Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda bu Gurama agza boldy.

Guwanç bilen bellesek, ýurdumyzyň döwlet syýasatynda ilatyň saglygyny goramak esasy wezipe bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli saglygy goraýyş ulgamyny toplumlaýyn kämilleşdirmek boýunça giň gerimli özgertmeler yzygiderli durmuşa geçirilýär. «Saglyk» döwlet maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzda öňdebaryjy innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman saglyk öýleri, ýöriteleşdirilen hassahanalar gurulýar. Ýeri gelende nygtasak, şu ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň parahatçylygy, raýdaşlygy we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, BSGG we BMG bilen hyzmatdaşlykda saglygy goraýyş diplomatiýasyny berkitmek boýunça yzygiderli tagallalary üçin döwlet Baştutanymyza Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň «Saglygy goraýyşda parahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagy gowşuryldy.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 7-nji aprelinde geçirilen Bütindünýä saglyk güni mynasybetli diňe bir paýtagtymyzda däl, eýsem, Arkadag şäherinde, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem köpçülikleýin welosipedli ýörişler guraldy. «Tegelek stol» duşuşyklary, maslahatlar, ylmy-amaly maslahatlar, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlar we görkezme çykyşlary, wagyz-nesihat, bedenterbiýe-sagaldyş, medeni çäreler geçirildi. Bu çäreler bilim alýan ýaşlary, edara-kärhanalaryň işgärlerini, türgenleri bir ýere jemledi. Halkara senä bagyşlanan köpçülikleýin baýramçylyk çäreleri ildeşlerimiziň sagdyn durmuş kadalaryna, parahatçylygyň we sagdynlygyň aýrylmaz bölegi bolan halkara sport we ekologiýa hereketiniň ýörelgelerine ygrarlydygyny, mähriban halkymyzyň bitewüligini we jebisligini ýene bir gezek bütin dünýä äşgär etdi.





Goý, halkymyzyň sagdynlygy, maşgala ojaklarynyň we jemgyýetimiziň agzybirliginiň hasda berkidilmegi üçin ähli zerur şertleriň döredilmegi ugrunda alnyp barylýan toplumlaýyn işleriň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, umumadamzat bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

***Begenç MEŇLIÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ýolbaşçysynyň kätibi.***



# «AT MÜNEN ALYSA GÖZLÄR», ÝA-DA BEDEW ÝYLY TÜRKMEN DURMUŞYNDA

Bedew ýa-da Ýylky ýylynda bahar-ýazlaryň gelşi aýdyp-diýerden gözel, sahawatly, bereketli. Bu meniň ykbalymda hemişe-de şeýle. Her gezek gündogar müçenamasy boýunça öz okunyň daşynda aýlanyp duran çarhypelegiň on iki ýylynyň ýedinjisi bolan Ýylky ýyly ýagyşly-ýagmyrly, ýumşakdan bereketli, hasylly ýyllaryň biri hökmünde dünýämizi ýyladýar, berekedi bilen bile gelýär. Elbetde, bu ýyl hem bereketli Ýylky ýyllarynyň biri hökmünde ýagyşly-ýagmyrly, ýazlary görlüp-eşdilmedik owadanlygy, daglary-düzleri begres donly, läle-reýhanly, özem Magtymguly Pyragynyň «Bedew atdyr adam ýaly syzýar» diýip belleýşi ýaly, ynsan kimin duýgur, ruhy hem beden taýdan sagdyn, toýnagynyň aşagyndan «ot syçraýan» hurmaýy atyň, eýesine wepaly, türkmençilikde «At agnan ýerde toý bolar» diýlişi deýin, onuň agnan ýerinde hem toý bolýan, pederlerimiz tarapyndan ýigidiň goşa ganaty saýylan, halkymyz üçin hemişe-de bagt-sagadat getiriji, toýlary toýa ulaşýan, maksady myrat tapýan, arzuwlary wysal bolýan ýyllaryň biri hökmünde mundan öňlerem, häzirem bolçulygyň döwri bolup gelýän, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly bolup taryhyň sahypalarynda öz mynasyp ornuna eýe boldy.

Indi her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesini Bedew baýramy hökmünde bellemek ýurdumyzda asylly däpleriň birine öwrüldi. Ol bu ýyl hasam «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmegi arkaly, düýpli, şöhratly ýyllaryň biri hökmünde taryhyň sahypalaryna zerli harplar bilen ýazyldy. Munuň hakykatdan hem şeýle bolmagy üçin şu ýylyň 31-nji martynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetly bäsleşikleri geçirmek hakynda» Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, Aşgabat şäherinde 2026-njy ýylyň 25-nji aprelinde ahalteke atlarynyň halkara gözegçilik bäsleşigi hem-de olaryň gözellik bäsleşigi şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, neşir önümlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda çeper beýan etmek ugrunda suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, halyçylaryň, zergärleriň, fotosuratçylaryň, neşirýat işgärleriniň, dizaýnerleriň, teleoperatorlaryň arasynda bäsleşikler geçirildi hem-de olaryň jemleri jemlendi. Bäsleşikleriň jemi boýunça ýeňijiler yglan edildi we olar gymmat bahaly baýraklar bilen sylaglanyldy.

Häzirki gün «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly döwlet hem halkara derejesinde giňden dabaralanýar. Golaýda Daşkent şäherinde geçirilen «Gündogaryň merjeni» atly sport we gözellik bäsleşikleri, «Ahalteke bedewi — halklaryň dostlugynyň nyşany» atly halkara ylmy-amaly maslahat munuň hakykatdan hem şeýledigine anyk mysaldyr. 8-nji maýda Daşkent şäheriniň «Ýangi Toşhkent Conferense Hall» merkezinde «Ahalteke bedewi—halklaryň dostlugynyň nyşany» atly halkara maslahaty geçirilip, onuň merkezi eýwanynda türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşyna, amaly-haşam sungatyna degişli gymmatlyklaryň sergisi guraldy. 9-10-njy maýda Özbegistanyň paýtagtynda geçirilen «Gündogaryň merjeni» atly sport we gözellik bäsleşiginde doganlyk türkmen hem özbek halklarynyň göz guwanjy bolan atlar baýrakly orunlara mynasyp boldular. Dört we uly ýaşar atlaryň arasynda Özbegistanyň Respublikasynyň Prezidentiniň baýragyny almak ugrunda 1 müň 600 metr aralyga geçirilen ýaryşda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Dowamat atly aty ýeňiji boldy. Şol topluma gegişli Begzada atly at ikinji orna mynasyp boldy. Ikiýaşar atlaryň arasynda geçirilen gözellik bäsleşiginde Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň Meledag diýen aty «Dünýäniň çempiony» we «Gündogaryň merjeni» diýen ýeňiş ýapynjalaryna mynasyp boldy. Alty hem ondan uly ýaşar atlaryň gözellik bäsleşiginde Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Aýgytly diýen bedewi «Dünýäniň çempiony» diýen hormatly ada mynasyp boldy...

Taryhda türkmen halky atyny, bedewini juda eziz görýän millet hökmünde öz bedewi barada «At — myrat», «At — ganat», «Aty baryň, ganaty bar», «At münen alysa gözlär», «Atda aýak bolsa, özge syn bolmaz», «Atyň rysgy alnynda», «Säher tur-da, ataňy gör, atańdan soň atyňy» diýilýän aýtgylary hem döredipdir. Şeýle atalar sözlerini döreden, bedew aty öz durmuşynyň naýbaşy dünýäsi hasaplan atalarymyzyň Ýylky ýylyny özi üçin iň bir düşümli ýyllaryň biri hasap etmegi, ata-babalarymyzyň hatda düýşünde at münmegem bagtyýar durmuşyň badalgasy hasaplamagy durmuş hakykaty bilen sazlaşypdyr. Hawa, hasap boýunça 2026-njy ýylyň 17-nji fewralynda ýaşyl reňkli agaç Ýylan ýyly öz ornuny toýnagyndan ot syçraýan hurmaýy bedewe berendir. Hurmaýy atlar hakynda gadym Oguz atamyzyň durmuşy bilen baglanyşykly hem düýpli gürrüňler edilýär. Hatda Oguz hanyň «Ülkeri-çerik» söweş sungatyna görä, atlarynyň hüý-häsiýetlerine, artykmaç taraplaryna, daşky görnüşlerine, reňkine laýyklykda düzülen, atlanan, hereket edýän onmüňlikleri bolup, gaz boýun, aýaklarynyň arasy açyk, döşleri meýdanly, topuklary çeýe, beýleki bedewlere görä has çydamly, ýadamazak, güýçli, satanlak hurmaýy atlylar toparynyň aýratyn tabşyryklar boýunça hereket edendigi, köplenjem duşman tuguny ýatyrmakda aýgytly orna mynasyp bolan düldülpisint hurmaýy atlylaryň ornunyň başga bolandygy hakynda «Ergenekon» dessanynda, «Oguz-

namalarda», halky rowaýatlarda kän zatlar gürrüň berilýär. Elbetde, bu ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilendigi bilen hem iňňän gymmatlydyr.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly ýyllaryň gowusy, döwletmentlik ýyly hökmünde eýýäm taryhyň sahypalaryna zerli harplar bilen ýazylan ýyllaryň biridir. Munuň şeýledigine şu ýylyň birinji çärýeginde halk hojalygynyň dürli ugurlarynda — ylymbilimde, sportda, gurluşyk we senagat toplumynda we beýlekilerde gazanylýan üstünlikler hem iň bir ýönekeý mysallaryň biridir. Dogrusy halkara derejesinde dünýä ähmiýetli işleri durmuşa geçiren, dünýä halklarynyň medeni ösüşlerine öz mynasyp goşantlaryny goşan ata-babalarymyz bedew atsyz durmuşy göz öňüne getirip hem bilmändirler. Munuň şeýledigini serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdi:

**Bedewi mert münse, çohdur peýdasy,**
**Namarda zyýandyr üsti bedewiň**

diýip belleýär.

Adam ogluny gepledip, oturyp-turzup, märäkä alyp baryp, iň bolmanda ýolda ýoldaş bolup tanasa bolýar. Eýsem aty nädip tanamaly. At janawaryň dili ýok gepläýin diýse, emma ýöreýşinde, özüni alyp barşynda hüý-häsiýeti, ýagşy-ýaman taraplary barada käbir zatlary aňyp bolýandyr. Ýöne ol hem gutarnykly netijä gelerden bärden gaýdýar. Şonuň üçin ynsan balasy ony birkemsiz synlap ýagşy hem ýaman taraplaryna göz ýetirýär.



Bu barada gündogaryň paýhaslar kitaby bolan «Kowusnamada» şeýle diýilýär: «Ussat atşynaslaryň aýtmagyna görä, atyň iň gowy sypatlary şular bolmaly: onuň dişleri inçe, berk we ak, aşaky dodagy salpy, burny dik, giň we uzyn, maňlaýy giň, dik gulaklarynyň arasy açyk, tüňňi, boýunlary egriden inçe, topuklary ýasy, ýaly uzyn, döşi giň, öň aýaklary bilen art aýaklarynyň arasy açyk, guýrugy gür we uzyn, gözleri we kirpikleri gara bolýandyr, ýörişi messana, topuklary çeýe, bili inçe, sagrysy giň, iki uýlugynyň arasy etlekdir. Üstündäki kişi gymyldandan, onuň hereketlerine düşüş bolmalydyr».

Türkmençilikde «Dünýä ynsan bilendir, ynsan hem haýwan bilendir», haýwanlaryň ýagşysy at-bedewdir, ony saklamak-idetmek mertlere mahsusdyr» diýilýär. Şeýle-de «Atyňy, lybasyňy gowy sakla, atyň lybasyň hem seni gowy saklar» diýilýär. Bu barada Magtymguly Pyragy:

**Ýigidiň bolmasa, ýaragy, aty,**
**Şony belli biliň, ýokdur gaýraty**

diýip, Adam oglunyň gaýratlylyk ýa ejizlik ýagdaýynyň hem aty, ýaragy bilen kesgitlenýändigini aýdýar.

Öz bedewine atlanyp menziller aşan, atlaryny taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazan edermen eždatlarymyzyň öz bedewi bilen uly abraýyň eýesi bolan gezekleriniň az bolmandygyna taryha ser salsak, iňňän gowy düşünýäris. 1935-nji ýylyň 30-njy maýynda badalga berlen Aşgabat — Ýerbent — Köneürgenç — Akdepe — Orenburg — Kuýbyşew (Samara) — Penza — Rýazan — Moskwa ugry boýunça geçirilen atly ýörişde ata-babalarymyzyň 4300 kilometr aralygy öz içine alýan atly ýörişe gatnaşyp, bu uzak aralygy türkmen bedewleriniň 30-ysynyň üstünlikli geçendigi hem iň bir ýönekeýje mysaldyr. Soňra şeýle atly ýörişler 1983-nji ýylda Aşgabat — Gerkez — Aşgabat, 1984-nji ýylda Aşgabat — Bokurdak — Babarap, 1986-njy ýylda Aşgabat — Köneürgenç aralygyna geçirilipdir. Bu ýörişler türkmen atlaryň nä derejede çydamlylygyny, iňňän ugurtapyjylygyny, uzak ýollara werzişligini birkemsiz görkezýär. Munuň şeýledigi barada şeýle ýörişlere gatnaşan, şeýle ýörişleriň janly şaýady bolan ildeşlerimiz we daşary ýurtly atşynaslar ýazýarlar. Biz şu ýerde ýene bir zat 1998-nji ýylda arassa ganly ahalteke atlarynyň arasynda at çapyşygy, soňra bu ýaryşyň 1999-njy ýylda «Asmany Argymak» atly ýokary derejä eýe bolup, dünýä ýaryşyna öwrülendigi hakynda bellemelidiris. 1999-njy ýylda Tuşin howa menzilinde 120 kilometr aralyga geçirilen at çapyşygynda Peýkam atly atyň ýeňiji bolandygy, «Dünýäniň çempiony» diýen hormatly ada Türkmenistanyň Döwlet tugrasyndan orun alan Ýanardagyň mynasyp bolandygy hakynda bellemelidiris.

Bu ýyl Bedew ýyly bolansoň, ýagyşly-ýagmyrly, çyglydan ýumşaklygy bilen beýleki ýyllardan tapawutlanyp, bugdaýyň, arpanyň, darynyň, şalynyň bol getiren ýyllarynyň biri bolmak bilen, Bedew ýylynda dünýä inen çagalar hem üşükliligi, hoşgylawlygy, sabyr-kanagatlylygy, ýiti gözlüligi, giň gözýetimliligi, häsiýeti boýunça bilesigelijiligi bilen beýlekilerden tapawutlanar. Elbetde, Bedew ýylynyň soňky aýlarynda dünýä inenler belent adamkärçiligi, akyl-paýhaslylygy, ýeňilmez erkliligi bilen öz deň-duşlaryndan saýlanar diýip bu ugurdan iş alyp barýanlar ýazýarlar.

Halkara derejesinde dünýä ähmiýetli işleri durmuşa geçiren, dünýä halklarynyň söýgüsini gazanan türkmen halkynyň merdana ogullarynyň bir tarapdan at münmek bilen ruhunyň beýik, süňňüniň sagat, diýmek, on iki synasynyň sagdyn, bütin süňňüniň sazlaşykly işleýändigi barada aýtsa, ýene bir tarapdan at münen türkmeniň diliniň dürler saçýandygy, mertden merdana hem dana bolýandygy hakynda belleýärler. Biziň eýýamymyzdan müň ýyldan gowrak ozal, diýmek, mundan üç müň ýyldan gowrak ozal ýaşan hem dürli keselleriň öňüni almakda uly işleri durmuşa geçiren Lukman Hekim, hüzirki döwrümizden iki ýarym müň ýyla golaý öň sersaglyk hakynda köp sanly işleri amala aşyran Gippokrat, galyberse-de dokuz ýüz segseninji ýylda Türkmenabadyň aňry ýanynda, Buharanyň Afşana obasynda dünýä inen filosof, Ýewropada Awessina, ata-babalarymyz tarapyndan hem Abu Aly Ibn Sina diýlip tanalan uly alym munuň hakykatdan hem şeýledigini tassyklapdyr.

Uly alym Gippokrat: «Adamlar, at münüň, atdan örküňizi üzmäň, at ýaly, sagdyn bolarsyňyz» diýse, häzirki zaman alymlarymyz at münýäniň süňňüniň sagat, kesellere garşy durujylygyniň güýçli, berk bedenli bolýandygyny beýan edýärler. Üstümizdäki Ýylky ýylynda atdan örküni üzmeýän, aty bilen dünýä çykyp, dünýä rekordlaryny täzelän türkmen üçin ýene bir şöhratly ýyllaryň biri boljakdygy barada türkmen täleýnamasynda düýpli gürrüňler edilýär.

At bilen arany sazlan ata-babalarymyz özleriniň uçar ganatyna deňän bedewleriniň türkmen üçin aňrybaş baýlykdygy, çünki edermen eždatlarymyzyň özlerinden öň atlaryny bezändikleri hakynda biziň eýýamymyzdan ozalky 490 — 430-njy ýyllarda ýaşan, taryhyň atasy hasaplanýan grek taryhçysy Gerodot özüniň 9 jiltden ybarat «Taryh» kitabynda: «Olaryň ähli zady altyndan we misden. Emma naýzalarynyň, ýaý oklarynyň hem-de söweş aýpaltalarynyň ähli metal böleklerini olar misden ýasaýarlar, kelle geýimlerini, kemerlerini we daňylaryna bolsa, altyn suwlaryny çaýýarlar. Olar atlaryna hem göwüsbent ýaly, tylla suwy berlen mis sowutlary geýdirýärler. Uýanlaryny, agyzdyryklaryny we bilçeki uçlaryny altyn bilen haşamlaýarlar» diýip ýazsa, biziň eýamymyzdan ozalky 63-nji ýylda doglan hem-de biziň eýamymyzyň 23-24-nji ýyllarynda aradan çykan Strabon özüniň 17 kitapdan ybarat «Geografiýasynda»: «Olar diýseň ezberleşen atly we pyýada urşujylar, ýaýlary, gylyçlary, sowutlary hem-de misden ýasalan söweş aýpaltalary bilen ýaraglanypdyrlar; söweşlerde olar altyn kemer dakynýarlar we kellelerine daşdan tuwulga geýýärler» diýip belleýär. «Görogly» şadessanynda at babatda Balybeg patyşanyň garry weziri patyşa bakyp: «Eý, şahym, Göroglynyň Mežnun däli Gyraty bardyr. Şol aty bilen Görogly diýeniň Görogly bolup ýörendir. Şol aty aýagynyň teýinde bolmasa, Göroglynyň Göroglylygy ýabygorlydyr» diýip, beg oglunyň ähli güýjüniň Gyratdadygyny aýdýar. Türkmen durmuşynda atyň tutýan ornunyň nä derejede beýikdigi hakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem şeýle belleýär: «Merdana halkymyzyň durmuşynda ganatly bedewlerimizuň tutýan orny aýratyn ähmiýete eýedir. Gadymy döwürlerden bäri «asman atlary», «Nusaý atlary», «ganatly bedewler» diýip dünýä meşhur bolan behişdi bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjy hem-de gymmatly baýlygydyr. Halk arasynda aýdylan «Aty baryň ganaty bar», «At rysgaly alnynda» ýaly parasatly jümleler munuň aýdyň beýanydyr».

Dünýä belli lukmanlar ýol-ulag hadysasyna düşen şikeslileri, dogabitdi maýyplary ata mündürilip, ippoterapiýa usuly bilen bejerýärler. Aslynda ippoterapiýa Ynsan balasynyň ýürek-damar, aşgazan-içege, daýanç-hereket ediş synalarynyň sazlaşykly, kadaly işlemegine oňyn täsirini ýetirýär, atlara ideg edýänleriň, bedewli gezelenç edýänleriň synalaryndaky näsazlyklaryň aýrylyp, nerw ulgamyndaky dartgynlygyň gowşaýandygy, kalbynyň rahatlanýandygy hakynda bu ugurdan iş alyp barýan uly alymlar belleýärler. Atlaryň tohum arassalygyny gorap saklamak, dünýä ýaýmak hakynda häzirki wagtda ýurdumyzda uly işler durmuşa geçirilýär. Munuň hakykatdan hem şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Berkarar Watanymyzyň atşynaslary tarapyndan bedewlerimiziň tohum arassalygyny gorap saklamak we baş sanyny yzygider artdyrmak, gamyşgulak atlarymyzyň şöhratyny dünýä ýaýmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda atçylygy we atly sporty ösdürmek, bu ugurda dünýä döwletleri bilen tejribe alyşmak, netijeli hyzmatdaşlygyň gerimini has-da giňeltmek babatda zerur işler alnyp barylýar» diýip belleýär.

***«Türkmenistanyň senagaty».***

# HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ BEDEW HAKYNDA AÝDANLARYNDAN:

▪ Meşhur ahalteke bedewleriniň şan-şöhraty müňýyllyklaryň dowamynda äleme dolup gelýär.

▪ Merdana halkymyzyň durmuşynda ganatly bedewlerimiziň tutýan orny aýratyn ähmiýete eýedir. Gadymy döwürlerden bäri «asman atlary», «Nusaý atlary», «ganatly bedewler» diýlip dünýä meşhur bolan behişdi bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjy, göz guwanjy hem-de gymmatly baýlygydyr. Halk arasynda aýdylýan «Aty baryň ganaty bar», «Taý ata ýetirer, at — myrada», «At — döwletlilik», «At rysgaly alnynda» ýaly parasatly jümleler munuň aýdyň beýanydyr.

▪ Pederlerimiziň nesillere goýan mizemez mirasy, dünýä atçylyk medeniýetiniň naýbaşylarynyň biri hasaplanýan behişdi bedewlerimiz özboluşlylygy, gözelligi, ynsana mahsus gylyk-häsiýeti we eýesine wepalylygy bilen tanalýar.

▪ Türkmen atşynaslygyny sungat derejesine ýetiren pederlerimiz tarapyndan asyrlaryň dowamynda kemala getirilip, umumadamzat gymmatlygyna öwrülen behişdi bedewlerimiz Ýer ýüzündäki tohum atlaryň iň naýbaşylarynyň biridir. Owadanlygy, ýyndamlygy, çydamlylygy bilen halkymyzyň göz guwanjyna öwrülen behişdi bedewlerimiz ilgünümiziň uçar ganatydyr we köňül buýsanjydyr.

▪ Şan-şöhraty äleme dolan behişdi ahalteke bedewlerini milli seçgiçilik esasynda kemala getiren ata-babalarymyz bu ugurda özleriniň ussatlyklaryny görkezip, nusgalyk işleri bitiripdirler. Ynsan bilen bedewiň arasyndaky dostluk we wepadarlyk gatnaşyklary edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň eserlerinde hem öz beýanyny tapypdyr. Munuň özi atlaryň halkymyzyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülendigini görkezýär. Çünki ganatly bedewlerimiz keremli topragymyzyň keramatydyr, türkmen öý-ojagynyň ýaraşygydyr we bahasyna ýetip bolmajak milli gymmatlygymyzdyr.

▪ «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň birnäçe gezek halkara sirk festiwallarynda baş hem-de ýörite baýraklara mynasyp bolmagy halkymyzyň bedew atlarymyza bolan buýsanjyny has-da artdyrýar.

▪ «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen şu ýylyň dowamynda ýurdumyzda, şeýle hem daşary ýurtlarda atçylyk we atly sport boýunça guralljak çäreleriň Maksatnamasyna laýyklykda birnäçe çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu çäreler ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhratyny mundan beýläk-de dünýä ýaýmaga uly itergi berer.

▪ Türkmen bedewleriniň gadymy mekanynda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmeginiň ýurdumyzda we dünýäde atçylygyň ösdürilmeginde, bu ugurda alnyp barylýan işleriň döwrebap ýola goýulmagynda möhüm ähmiýeti bar. Diýarymyzda atçylyk pudagy üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaga hem aýratyn üns berilýär. Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Bu ýerde Atçylyk ylmyönümçilik merkeziniň döredilmegi bolsa atçylygy ylmy esasda öwrenmäge uly mümkinçilik berýär.

▪ Berkarar Watanymyzyň atşynaslary tarapyndan bedewlerimiziň tohum arassalygyny gorap saklamak we baş sanyny yzygiderli artdyrmak, gamyşgulak atlarymyzyň şöhratyny dünýä ýaýmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda atçylygy we atly sporty ösdürmek, bu ugurda dünýä döwletleri bilen tejribe alyşmak, netijeli hyzmatdaşlygyň gerimini has-da giňeltmek babatda zerur işler alnyp barylýar.




# TÜRKMENIŇ NAÝBAŞY MIRASY

▪ Akylyň ýetmedik ýerinde gudrat başlanýar. «Behişdi bedew», «suw aty», «ýel aty» ýaly kesgitlemeler hem-de atlarymyz baradaky ençeme ýordumlar hut şonuň ykrar edilmesidir. Bu hem tebigatyň bize beren uly serpaýydyr. Şeýle «serpaýlaryň» gadyryny bilip, arzyly saklamak bolsa, olaryň ömrüni müdimi edýär.

***

▪ Taryh nireden başlanýan bolsa, şol ýerde, şol döwürde bedewli geçilen menziller onuň esasynda ýatandyr. Oguz hanyň pentleri, Gorkudyň boýlary, Göroglynyň batyrlygy, Magtymgulynyň watançylygy hakynda aýdanymda, men şol döwre mahsus sypatlaryň esasysy – bedewe erk etmek, bedewleri kemala getirmek, olary seýislemek sungaty barada oýlanýaryn. Ähli döwürlere mahsus bolan bu wezipäni durmuşa geçirmekde nesilleriň rüstemligi seýisleme sungatynyň baýlaşmagyny üpjün edýär.

***

▪ Ata-babalarymyz özleriniň eý görýän bedewleri barada pikirlerini aýdanlarynda, asyl özeniň tebigy dünýäsini açýarlar. Şol asyl özene aň ýetirmek olara tebigy gurşaw bilen sazlaşykly ýaşaýyş-durmuş binýadyny gurmakda düýpli täsir eden güýçdür. Ahalteke bedewleriniň şöhraty türkmen medeniýetiniň taryhyna altyn harplar bilen ýazylandyr.

***

▪ 2018-nji ýylda Akhan atly bedewimiziň üstünligi Ginnesiň Rekordlar kitabyna girizildi. Bu ahalteke bedewleri bilen bagly üstünlikleriň we ýeňişleriň taryhynda täze ýazgy. Ýöne ahalteke bedewlerinden ähli babatda garaşylýan netije hem şolar ýalydyr. Ylym-bilimlilik milletiň kemala gelmeginiň we özüni tanatmagynyň esasydyr diýlen düşünje hemme ýerde ykrar edilendir. Ahalteke bedewi babatda-da bu şeýledir diýip aýdyp bilerin.

***

▪ Dünýäniň iň irki taryhy ýazgylaryndan başlap, häzirki güne çenli olar barada täsin hekaýatlar ýazylýar. Dünýäniň hökümdarlary taryhyň çylşyrymly döwürlerinde özlerini halas etjek iň uly güýjüň bedewdedigine düşünipdirler. Bedew atlaryň güýçli duşmana gaýtawul bermekde hem iň kämil ok-ýaraglardan has gereklidigini ykrar edipdirler. Dünýä ýaň salýan söweşijilere garşy zarba urmak üçin, «ynsan ýaly syzgyr» bedewleri ýoldaş edinmelidigine ynanypdyrlar.

***

▪ Ahalteke bedewiniň adam bilen nähili aň-paýhas sazlaşygyna girip bilýändigi, bu tebigatyň öz täsinligi. Şol täsinligi açmak üçinem şahsyýet bolmaly. Şular barada oýlananymda, ata-babalarymyzyň döreden gadymy ýörelgeleri, türkmençiligi maňa mähriban duýulýar.

***

▪ Biz öz nesillerimize umyt edýäris, olaryň yhlasymyza wepaly, göwnümizdäkini amal edýän perzentler bolup ýetişmegi ýaşaýşyň dowam edýändigi baradaky buýsançly ynamy kalbymyza guýýar. Meniň her bir demimde, sözümde, her gün ir säherdäki niýetimde Watanyň geçmişindäki janly keşpler ýaşaýar. Ýaşaýşa höwes, durmuşa söýgi şondan başlanýar.

***

▪ Goý, ajaýyp bedewler dünýäde köpelsin! Munuň özi jahana bagtlylygy we rowaçlygy serpaý eder. Daşary ýurtlarda hem ahalteke bedewleriniň aýry-aýry ugurlary döredilipdir. Olaryň Türkmenistandaky döredilen ugurlar bilen goşulyşmagy gowy netijeleri berer.

***

▪ Indi Göroglynyň Gyraty hakyndaky söhbete dolansam, şu barada bedewler bilen didarlaşan pursatlarymda hemişe-de oýlanýaryn. Gyraty ýetişdiren Jygalybege mynasyp nesilleriň, Gyraty bilen Watanyny, halkyny goran Göroglynyň mertligini nusga edinen ýaşlaryň kemala gelmelidigi durmuşyň zerurlygy bolup duýulýar.

**Türkmen halkynyň Milli Lideri,
Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň
Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň
«Atda wepa-da bar, sapa-da»
atly kitabyndan**.





# YLYM – BILIM — BEÝIK ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýen ajaýyp şygar bilen atlandyrylan ýylymyz uly ösüşlere beslenýär.

*«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine*

Bedew bady bilen täze ösüşlere tarap ynamly barýan Diýarymyzyň ösüşlerinde ylym möhüm orny eýeleýär. Berkarar Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ylmyň ösdürilmegine we ylymly, bilimli hünärmenleriň döredijilikli zähmet çekmeklerine giň mümkinçilikler döredilýär.

Mälim bolşy ýaly, her ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni ylym-bilim işgärlerini täze üstünliklere ruhlandyrýar. Munuň özi ylym-bilim ulgamyny has-da ösdürmek boýunça wezipeleri üstünlikli alyp barmak bilen pugta baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli ugurlarynda uly üstünliklere beslenýän, mähriban halkymyzyň Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly toýuny ruhubelentlik bilen belleýän şu ajaýyp ýylymyzda Ylymlar güni taryhy ähmiýetli möhüm waka bilen utgaşdy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ykdysady we syýasy ylymlar boýunça akademikligine saýlanyldy hem-de döwlet Baştutanymyza ykdysady we syýasy hünärler boýunça professor alymlyk ady berildi. Bu habar ýurdumyzyň ähli raýatlarynda uly şatlyk we buýsanç duýgusyny döretdi.

Bilşimiz ýaly, biziň ýurdumyzda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk we ykdysady ylymlaryň doktory, professor, köpsanly hormatly atlaryň eýesi bolan alym Arkadagymyzyň hem-de Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ykdysady we syýasy ylymlar boýunça akademigi, syýasy ylymlaryň doktory, ykdysady we syýasy hünärler boýunça professor, Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň Hormatly doktory alym Prezidentimiziň bimöçber tagallalarynyň netijesinde milli bilim ulgamyny ösdürmäge, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge uly üns berilýär. Häzirki wagtda halkara giňişlikde özüni ygtybarly hyzmatdaş hökmünde tanatmagy başaran Türkmenitanda ylmyň iň täze gazananlaryny ýurdumyzyň ähli ulgamlaryna giňişleýin ornaşdyrmak boýunça asyrlara barabar işler durmuşa geçirilýär. Milli ylym ulgamyny dünýä standartlarynyň derejesine ýetirmek, ylym bilen meşgullanýan hünärmenleriň önjeýli işlemekleri babatda ähli zerur şertler döredilýär. Döwletimiziň dünýäniň ösen ylym-bilim ojaklary bilen ylym-bilim ulgamynda hyzmatdaşlygyny giňeltmegini, daşary ýurtly hünärmenleriň ýurdumyza yzygiderli esasda çagyrylmagyny we türkmen hünärmenleriniň daşary ýurtlaryň ösen ylmy merkezlerinde okuwlary geçýändiklerini munuň aýdyň mysaly hökmünde görkezmek bolar.

Şu şanly ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda Ylymlar güni uly dabaralara beslenip geçirildi. Şonuň çäklerinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademikligine we habarçy agzalygyna saýlanan alymlara, ylymlaryň doktory we kandidaty alymlyk derejesini alan alymlara diplomlary gowşurmak dabaralary, Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Häzirki wagtda berkarar döwletimizde il-ýurt, sebit we dünýä ähmiýetli iri taslamalar amala aşyrylýar, awtomobil we demir ýollary, gaz geçirijiler, dürli medeni-durmuş maksatly desgalar gurulýar. Bu bolsa milli ykdysadyýetimiziň ylmy esasda sazlaşykly ösýändiginden habar berýär. Bularyň hemmesi önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň gazananlarynyň ornaşdyrylýandygyna, iň täze tehniki hem tehnologik enjamlaryň netijeli ulanylýandygyna, ylymly hünärmenlere giň mümkinçilikleriň döredilýändigine şaýatlyk edýär.

Goý, berkarar Diýarymyzy ylymlaryň, bilimleriň, ösen tehnologiýalaryň mekanyna öwürýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Atamyrat TOÝLYÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň Önümçilik-tehniki bölüminiň baş hünärmeni.***

# ABRAÝY ARŞA GÖTERILEN «GALKYNYŞ»

*«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen 2026-njy ýylda ata Watanymyzyň gazanýan üstünlikleri şanly ýylymyzyň çuňňur many-mazmunly şygaryny özboluşly şöhlelendirýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri taryhy wakalara beslenýär. Bilşimiz ýaly, şu ýylyň 16 — 25-nji ýanwary aralygynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. Bu halkara festiwalyň çäklerinde geçirilen dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalar gowşuryldy.*











Atçylyk sungatynda atşynaslara görelde bolýan Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalarynyň alyp barýan işleri bilen gyzyklanmaklary, olara degerli maslahatlaryny bermekleri atşynaslar üçin belent mertebedir. Halkymyzyň buýsanjy bolan behişdi bedewlerimize uly sarpa goýýan Milli Liderimiziň bedewlere bagyşlap ýazan kitaplary hem atçylyk ulgamynyň hünärmenleri üçin ýol-ýörelge mekdebidir. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna berlen halkara şahadatnamalar şol ruhlandyryjy tagallalaryň netijesidir.

Gahryman Arkadagymyz «Halkymyzyň arassa ganly behişdi bedewleri ajaýyp döwrümiziň gözelligine görk goşýan maddy hem ruhy baýlyk

hasaplanýar. Ahalteke atlaryna «asman atlary», «behişdi bedewler» diýlip mynasyp baha berilýär. Bedew atlarymyz milletimiziň buýsanjy bolup Ýer ýüzüne ýaň salýar» diýip jaýdar belleýär. Ady dünýäde meşhur bolan milli at üstündäki oýunlar toparynyň gazanýan üstünliklerine diýseň buýsanýarys. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen 2007-nji ýylda döredilen bu topar geçen ýyllarda halkara derejesindäki dürli sirk festiwallarynda ençeme gezek baş baýraklara mynasyp boldy. 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde ilkinji gezek geçirilen «Fontankadaky» sirk sungatynyň I halkara festiwalynda bolsa, «Altyn Gaetano» altyn heýkeljigini gazandy. «Galkynyş» toparynyň 2025-nji ýylda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherindäki 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmagy şöhratly ýeňişleriň üstüni ýetirdi. Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewleriň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, atçylyk pudagyny ösdürmek hem-de halkymyzyň atçylyk sungaty bilen bagly bolan gadymy däp-dessurlaryny dikeltmek ugrundaky tagallalary bu üstünlikler bilen sazlaşyp, beýik maksatlar myradyna gowuşýar.




Şeýle guwandyrýan netijeler Milli Liderimiziň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabyndaky «Ata-babalarymyzyň merdana nesilleriniň dowamaty biziň ýaşlarymyzda ahalteke bedewlerine söýgini terbiýelemegimiz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr» diýen sözleri bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmen halkynyň ençeme müňýyllyk taryhy ýyndam ahalteke bedewleri bilen mizemez baglanyşygy emele getirýär. Bedewler merdana ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamyndaky ähli ýeňişlerine güýç beren wepadar ýoldaşydyr. Bu gün behişdi bedewlerimiz baý mirasy bolan we okgunly öňe barýan berkarar döwletimiziň ösüşini, medeni derejesindäki öňegidişlikleri älem-jahana ýaýýar. Taryhy sepgitleriň bedew bady bolsa, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň taryhyny, häzirki döwrüni, bagtyýar geljegini ähli babatda pugta baglanyşdyrýar.

Goý, göreni haýran edýän ahalteke bedewleriniň şöhratyny gorap saklamakda we ýokarlandyrmakda uly tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň döwletli işleri mydama rowaçlyklara beslensin!

***Toýguly AKMÄMMEDOW,***
***«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň***
***ýolbaşçysynyň kätibi.***



# WATAN GAHRYMANLARY UNUDYLMAÝAR

**9-njy maýda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda bütin dünýäde adamzadyň beýik gymmatlyklary bolan parahatçylygy we ynsanperwerligi dabaralandyrýan sene — 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 81 ýyllygy bellenildi. Munuň özi Watana çyn ýürekden hyzmat etmegiň göreldesini görkezen gahrymanlarymyza goýulýan çuňňur hormatyň, şeýle hem türkmen halkynyň parahatçylyga, ynsanperwerlige we döredijilige üýtgewsiz ygrarlydygynyň aýdyň nyşanydyr.**

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkyna iberen Gutlagynda «1941 — 1945-nji ýyllarda adamzat görlüp-eşidilmedik kynçylyklar we agyr ýitgiler bilen ýüzbe-ýüz boldy. Bu gazaply uruş döwri dünýäniň ykdysady ulgamyna, ýurtlaryň medeni ösüşine, adamlaryň ykbalyna örän kyn synaglary getirdi. Aradan ençeme onýyllyklaryň geçendigine garamazdan, pajygaly şol ýyllaryň hasraty tutuş dünýä jemgyýetçiligi bilen birlikde, milli bitewiligi we parahatçylygy dabaralandyrýan biziň halkymyzyň kalbynda hem agyr ýatlamalar hökmünde saklanyp, dünýäde parahatçylygy, dostlugy goramaga çagyrýar» diýip belledi.

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— 1941 — 1945-nji ýyllaryň aldym-berdimli söweşlerinde edermenligiň we gaýduwsyzlygyň, baky hormatyň hem-de ebedi şöhratyň beýik nusgasyny döreden gahrymanlarymyz kalbymyzda baky ýaşar!**

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrümizde bütin adamzadyň azatlygy we erkinligi ugrunda göreşen, gije-gündiz zähmet çekip, şanly Ýeňşi ýakynlaşdyran edermen watandaşlarymyzyň mertebesi belent tutulýar. Çünki ýeňşe bolan beýik ynam müňlerçe türkmenistanlyny beýleki doganlyk halklaryň wekilleri bilen jebisleşdirip, türkmen esgerleri söweş meýdanlarynda edermenligiň, batyrlygyň, gaýduwsyzlygyň ýokary nusgasyny görkezdiler. Gazaply urşuň söweş meýdanlarynda edermenlik we gaýduwsyzlyk görkezen ildeşlerimiz «Gahryman» diýen belent ada mynasyp boldular, söweş ordenleridir medallar bilen sylaglandylar. Şolaryň hatarynda Milli Liderimiziň atasy hem-de hormatly Prezidentimiziň garry atasy Berdimuhamet Annaýewiň bolandygyny ýatlamak gerek. Onuň durmuş ýoly täze taryhy eýýamda ýaşlar üçin watansöýüjiligiň, harby we raýatlyk borja wepalylygyň beýik nusgasyna öwrüldi.

Watanymyzyň azatlygyny we erkinligini goramak ugrunda gahrymanlyk görkezen pederlerimiziň şöhraty baradaky ýatlamalar taryhymyza altyn harplar bilen ýazyldy. Mähriban topragyň edermen goragçylary bolan gahrymanlary sarpalamak bolsa türkmen halkynyň asyrlar aşyp gelýän gadymy däpleriniň biri bolup durýar. Şunda gazaply söweş meýdanlarynda wepat bolan we Ýeňiş bilen öýlerine dolanan türkmenistanly esgerleriň atlarynyň «Hatyra», «Şöhrat» atly köp jiltli neşirlere girizilendigini bellemek gerek.

Ýeňşiň gazanylmagynda tylda jan aýaman zähmet çekenleriň gaýratly zähmetiniň ähmiýeti diýseň uludyr. Olar önümçilikde gahrymanlarça işläp, uruşdaky esgerler üçin ýyly eşikleri taýýarladylar. Goranmak gaznasyna gymmat bahaly şaý-seplerini tabşyrdylar, bugdaý hasylyny soňky dänesine, pagtany soňky übtügine çenli ýygnadylar hem-de raýdaşlygyň, ynsanperwerligiň belent nusgasyny görkezdiler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Beýik Ýeňşi ýakynlaşdyran edermen watandaşlarymyzyň mertebesi belent tutulýar. Uruş we zähmet weteranlary Watanymyzy ösdürmäge, ýaş nesilleri watançylygyň, mertligiň belent ruhunda terbiýelemäge, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini berkitmäge uly goşant goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda her ýylda 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş mynasybetli uruş weteranlaryna Türkmenistanyň



Prezidentiniň adyndan pul sowgadynyň hem-de gymmat bahaly sowgatlaryň gowşurylmagy asylly däbe öwrüldi.

Her bir güni buýsançly wakalara beslenýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem paýtagtymyzda, welaýat we etrap merkezlerinde 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 81 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk çäreleri ýaýbaňlandyryldy. Aşgabat şäherindäki «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyna, ähli şäherlerimizdir obalarymyzda milli hakydamyza öwrülen ýadygärliklere ter gül desseleri goýuldy. Ýeňiş güni mynasybetli aýdym-sazly medeni-jemgyýetçilik çäreleri geçirildi, uruş weteranlaryna Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan baýramçylyk sowgatlary gowşuryldy. Munuň özi milli gahrymanlarymyza goýulýan çäksiz sarpanyň aýdyň güwäsidir.

Hormatly Prezidentimiz «Biz dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, durnukly ösüşe hemmetaraplaýyn ýardam bermek ugrunda çykyş edip, ählumumy meseleleriň oňyn çözgütlerini işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşýarys» diýip belleýär. Şunuň bilen baglylykda häzirki döwürde parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga gönükdirilen syýasat Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ýokary halkara abraýyny üpjün edýär. Merdana pederlerimiziň deňsiz-taýsyz edermenligine uly sarpa goýup, parahatçylyk, dostluk hem-de ynanyşmak ýörelgelerini giňden dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

*«Türkmenistanyň senagaty».*

# DÖWLETLILIGIŇ WE BERKARARLYGYŇ BINÝADY



**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ähli ulgamlaryň kanunçylyk hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän işler halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň has-da ýokarlandyrylmagyna gönükdirilýär hem-de ýurdumyzda raýat jemgyýetiniň berkarar edilmegine giň mümkinçilikleri döredýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy ýurdumyzyň gülläp ösüşleriň ýoly bilen öňe gitmeginiň esasy guraly bolup, bu babatda amala aşyrylýan özgerişler Watanymyzyň dünýä bileleşiginde abraý-mertebesiniň has-da artmagyna ýardam edýär.**

Berkarar döwletimizde her ýylyň 18-nji maýynda goşa mukaddesligiň – Döwlet baýdagynyň we Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň baýramy giňden bellenilýär. Türkmenistanyň Esasy Kanuny adamy jemgyýetiň hem-de döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde kesgitläp, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ygtybarly kepilidir. Ol hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine, halkymyzyň bagtyýar, abadan durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilen durmuş-ykdysady özgertmeleriň esasy binýady bolup durýar.




Ýurdumyzda geçirilen konstitusion özgertmeler gözbaşyny döwlet Garaşsyzlygymyzy gazananymyzyň yzysüre – 1992-nji ýylda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmeginden alyp gaýdýar. Watanymyzyň täze taryhy döwründe amala aşyrylan konstitusion özgertmeler jemgyýetimiziň we döwletimiziň demokratik esaslaryny pugtalandyrdy. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda amala aşyrylan özgertmeleriň baş maksady «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgäni durmuşa ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň kanunçylyk özgertmeleri Türkmenistanyň döwlet gurluşyny kämilleşdirmekde uly ähmiýete eýedir. Halkymyzyň asyrlarboýy dowam edip gelýän milli demokratik ýörelgelerini häzirki zaman dünýä tejribesi bilen utgaşdymak arkaly Esasy Kanunymyza girizilýän täze kadalar raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepilliklerini has-da ýokarlandyrýar. Bu özgertmeler diňe bir hukuk binýadyny däl, eýsem her bir raýatyň ertirki güne bolan ynamyny hem berkidýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna girizilýän üýtgetmeler we goşmaçalar halkymyzyň agzybirliginiň, asudalygynyň we abadançylygynyň sarsmaz sütünidir. Bu taryhy özgertmeler häzirki döwürde ýurdumyzyň dünýädäki abraýynyň has-da belende galmagyna we halkymyzyň bagtyýar geljegine hyzmat edýär.

Konstitusiýamyzda beýan edilen syýasy, hukuk kesgitlemeleri häzirki gün halkymyzyň durmuşynda aýdyň şöhlelenýär. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň netijesinde Konstitusiýamyzda kepillendirilen hukuklaryň we azatlyklaryň, parahatçylykly ösüş ýolunyň halkymyzy bagtyýar durmuşa ýetirendigi buýsançlydyr. Esasy Kanunymyz ähli ösüşlerimiziň gözbaşydyr.

Ynsanperwer syýasaty durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň daşyna mäkäm jebisleşip, döwlet Baştutanymyzyň parasatly syýasatyny we alyp barýan asylly işlerini janymyz-tenimiz bilen goldap, olary durmuşa geçirmek ugrunda tutanýerli zähmet çekmek biziň her birimiziň borjumyzdyr. Her bir raýatyň tutanýerli zähmeti Watany beýgeldýär, durmuşymyzy gülledýär.

Hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmegiň, ýurdumyzda parahatçylygy we agzybirligi pugtalandyrmagyň hatyrasyna alyp barýan döwletli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Gülşirin TAGANDURDYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Hukuk bölüminiň başlygy.***

# «BAÝDAGYM, BARLYGYM, ÝANBERMEZLIGIM»

Döwlet Garaşsyzlygymyzyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň, berkararlygymyzyň, agzybirligimiziň, hemişelik jebisligimiziň aýrylmaz beýany hem döwlet nyşanymyz bolan Döwlet Baýdagymyz dünýä döräli bäri barlygymyz, ýanbermezligimiz, depämiziň täji hökmünde belentden parlaýar. Döwlet Baýdagymyzy döreýişiň, bakylygyň, juwanlygyň-terligiň, owadanlygyň nyşany bolan ýaşyl reňk, dünýä belli haly önümlerimiziň owadan gölleri, gadymy Nuh eýýamyndan bäri parahatçylygyň, abadançylygyň, baky bitaraplygyň, belent ynsanperwerligiň nyşany bolan zeýtun baldajykjlary, bäş ýyldyz we ýarym Aý bezeýär. Aýyň başynyň dikligi ruhubelentlik, ýanbermezlik, ýyldyzlaryň ülker ýaly jem bolup durmagy jebislik, agzybirlik — bularyň barynyň Döwlet Tugumyzda barlygy türkmen berkararlygyndan, Garaşsyz, hemişelik Bitaraplygyndan ybaratdyr. Munuň hakykatdan hem şeýledigini hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow özüniň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkyna iberen Gutlagynda: «Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň toýlanýan ýylynyň her bir güni Bitarap döwletimiziň parahatçylygyň we dostlugyň, bagtyýarlygyň hem-de abadançylygyň ýurdy hökmünde dünýädäki abraýynyň yzygiderli artýandygyna şaýatlyk edýän halkara ähmiýetli taryhy wakalara beslenýär. Eziz Watanymyzda gazanylýan ajaýyp üstünlikler, aýratyn-da, milli baýram mynasybetli Aşgabat şäherindäki Türkmenistanyň Konstitusiýa binasynda we Baş baýdak meýdançasynda, Arkadag şäheriniň, welaýat merkezleriniň hemde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň baýdak meýdançalarynda, ähli şäherdir obalarymyzda guralýan baý öwüşginli dabaralar mähriban halkymyzy uly üstünliklere ruhlandyrýar, agzybirligimizi pugtalandyrýar» diýip belleýär.

Il arasynda gadym wagtlardan bäri: «Ynsan gylygyndan tanalar, ýurt — Tugundan» diýen nakyl bar. Diýmek Tug-Baýdak her bir halkyň, her bir ýurduň ýüzi, ýüzüniň tuwagy. Şonuň üçin ata-baba Döwlet Baýdagyny janyny orta goýup gorapdyr, sarpalapdyr, depesine täç eýläpdir. Oguz han Türkmeniň döwründe ata-babalarymyz öz üstüne eli ýaragly gelen duşmanlaryň garşysyna «Ülkeri-çerik» uruş tilsimini ulanandygy, has ta-



kygy gelen ýagynyň ýedi ýerinden urmak, ýedi tarapyndan hüjüm etmek arkaly ýeňişleri özlerine ýaran edinendigi hakynda aýdylýar. Gadym Oguz han Türkmeniň hersi on müňden ybarat alty bölek goşunynyň, üstesine-de Oguz serdaryň saýlama atlylardan ybarat müň adamdan ybarat şahsy janpenalarynyň, Baýdak göterijileriniň we Döwlet Tuguny goraýjylarynyň bolandygy hakynda aýdylýar. Söweşiň dowamynda duşman goşunlarynyň ýedi ýerinden urup, kül-peýekun etmekden ötri, olaryň daşy goragly Tuguny hem baryp çapmak arkaly ýeňiş baýramynyň sazyny çalandyklary barada maglumatlar bar.

Türkmençilikde: «Baýdagym—barlygym, ýanbermezligim» diýen aýdym häli-şindi ýaňlanýar. Baýdak hakykatdan hem her bir ýurduň barlygy, baýlygy, ýanbermezligi. Döwlet baýdagymyzyň mukaddesligi hakynda hormatly Prezidentimiz öz Gutlagynda: «...Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň, agzybirligimiziň, jebisligimiziň ebedilik nyşany bolan Döwlet baýdagymyz biziň milli mukaddesligimizdir. Täzelenişi we ýaşaýşy dabaralandyrýan ýaşyl reňkli Döwlet baýdagymyzyň ýüzündäki dünýä nusgalyk haly gölleri milli mertebämiziň, parahatçylygyň, abadançylygyň nyşany bolan zeýtun baldaklary bolsa ynsanperwerligimiziň dabaralanmasydyr. Biziň her birimiziň gursagymyzda Watana bolan milli buýsanjy oýaryp, täze şöhratly menzillere ruhlandyrýan Döwlet tugumyzda şekillendirilen bäş ýyldyz hem-de ýarymaý agzbirligimiziň we jebisligimiziň sarsmaz kepilidir» diýip belleýär. Elbetde, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň örän adalatly belleýşi ýaly: Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu mukaddesligimize daýanyp, hukuk we dünýewi, adalatly raýat jemgyýetini gurýarys, giň möçberli durmuş-ykdysady, syýasy-hukuk özgertmelerini amala aşyrýarys.

***Allaguly HUDAÝBERENOW,***
***Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň***
***Watan daýhan birleşiginiň ýaşaýjysy.***

**Ajaýyp binagärlikler — rekordlar merkezi**

# BAGTYÝARLYK DÖWRÜMIZIŇ BAGT ŞÄHERI








«Aziýanyň merjen şäheri» hökmünde ykrar edilen, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» Gahryman Arkadagymyzyň başda durmagynda 2010-njy ýylyň 10-njy noýabrynda gurlup ulanmaga berlen ilkinji «akylly öý» taslamasy amala aşyrylan, 2024-nji ýylda «Arkadaşlygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilen, häzirki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda täze üstünliklere eýe bolýan Aşgabat şäheri 2025-nji ýylyň — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 7-nji dekabrynda ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilendigi bilen hemmeleri haýrana galdyrýan, ýaşamak üçin iň bir amatly şäherleriň biri hökmünde adamlaryň ünsüni özüne çekýän ak mermerli şäherlerdendir. Şeýle hem paýtagtymyz Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri hökmünde ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, dostlukly, hoşniýetli gatnaşyklara esaslanýan ýörelgelerini dabaralandyrýar. Munuň hakykatdan hem şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şeýle belleýär: «Aşgabat şäheriniň «Dizaýn» ugry boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) döredijilik

şäherleriniň toruna, şeýle hem bu guramanyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilmegi, Syýahatçylyk şäherleriniň bütindünýä federasiýasynyň agzalygyna kabul edilmegi dürli syýahatçylyk ugurlaryny ösdürmekde, şeýle hem şäheriň syýahatçylyk mümkinçiliklerini artdyrmakda, halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Gözel paýtagtymyzyň diplomatiýanyň hem-de bitaraplygyň sebit we halkara merkezi hökmündäki abraýy-da barha artýar. Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ştab-kwartirasynyň ýerleşdirilmegi ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, dostlukly, hoşniýetli gatnaşyklara esaslanýan ýörelgelerini dabaralandyrýar».

Şu ýylyň maý aýynyň üçünji ongünliginde Aşgabat şäheriniň güni mynasysybetli paýtagtymyzda «Ak şäherim Aşgabat» atly XXI köpugurly halkara sergi we maslahat geçirildi. Hormatly Prezidentimiziň köpugurly sergä we maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagynyň okalmagy bilen başlanan we üns bilen diňlenen serginiň dowamynda «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» bolan Milli Liderimiziň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başlangyç-tagallalary bilen gurlan, milli binagärlik sungatymyzyň soňky gazananlary bilen ýakyndan tanyşmak üçin ýola goýlan ýurdumyzyň gurluşyk-senagat toplumynyň ýeten derejesini görkezýän gurluşyk pudagynda ýola goýlan özgertmeler, dünýä derejesinde öndürilýän önümleriň diwarlyklary, eksportyň ýerini tutýan harytçig mallaryň görnüşleri hemmeleriň ünsüni özüne çekdi. Köpugurly sergä gatnaşyjylar halkara hyzmatdaşlygy üçin özara bähbitli işewürlik tekliplerini hödürlediler. Olaryň hatarynda gurluşyk, elektroenergetika, gaýtadan işleýän we ýeňil senagat, dizaýn, şäher düzümini döwrebaplaşdyrmaga degişli ugurlary öz içine alýan düzümler bar. Bu ýerde ýaýbaňlandyrylan diwarlyklarda ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, daşary ýurtlaryň işewür toparlarynyň 130-dan gowragynyň harytlary bar. Köpugurly halkara sergisinde ýaýbaňlandyrylan «Orta Aziýa», «Altyn Nesil», «Ýedi Ýer», «Röwşen», «Rysgally zähmet», «Ajaýyp gurluşyk» ýaly hususy kärhanalarynyň hem-de hojalyk jemgyýetleriniň diwarlyklarynda durmuşa geçirilen we geljekde durmuşa geçiriljek taslamalary ýerleşdirilen. 24-nji maýda geçirilen köpugurly halkara sergisiniň we maslahatyň dowamynda dokma we elde dokalan döwrebap haly önümleri, halk senetçiligi bilen baglanyşylky diwarlyklara hem uly orun be-



rildi. Günüň ikinji ýarymynda şäheriň «Olimpiýa» myhmanhanasynda Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet, hususy kärhanalarynyň, BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň, birnäçe beýleki guramalaryň, daşary ýurtly diplomatik wekilhanalaryň, iri kompaniýalaryň ýolbaşçylary we wekilleri «Ak şäherim Aşgabat» maslahatynyň «Durnukly «akylly» hem global goşulyşýan paýtagt şäheriniň kemala gelmegi» plenar mejlisi geçirildi. Mejlisiň dowamynda paýtagtymyzy uzak möhletleýin esasda geljegi baradaky ugurlara hem garaldy.

Ýewropa biçiwleri bilen utgaşýan şäherimiziň günorta-günbatar tarapynda gurlup bina edilen «Dag başynyň jygasy» diýlip atlandyrylan, gadym Giňdiwaryň 211 metr belentligindäki gerşinden her gün Gün doganda çar tarapa öwşün atýan, Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabyna girizilen «Türkmenistan» teleradioýaýlymlarmerkezi,ondanbirazgündogar-demirgazykrakda ýerleşýän «Älem» medeni-dynç alyş merkezi, ondan birneme gündogarrakda, Arçabil şaýolunyň ugrunda bina edilen, agramy 420 kilograma, möçberi 52,5 we 35 metre barabar, 133 metr belentlikde parlaýan Döwlet Baýdagymyz, paýtagtymyzyň halkara aeroportuna barýan şaýolunda ýerleşýän, şöhraytly nesilbaşymyz Oguz han Türkmeniň we onuň ogullarynyň bürünç heýkelleri ornaşdyrylan belent suw çüwdürimler toplumy we beýlekiler paýtagtymyza myhman bolup gelenleri hem-de Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylaryny haýran galdyrýar. Bular barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkyna iberen Gutlagynda: «Aşgabadyň binagärlik keşbini has-da özgertmek, şäher ilatynyň abadan durmuşy, zähmet çekmegi we dynç almagy üçin amatly şertleri döretmek, halkyň durmuş taýdan goraglylygyny gowulandyrmak, täze iş orunlaryny döretmek, hyzmatlar ulgamyny kämilleşdirmek, şäherde arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek biziň esasy maksadymyzdyr. Ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, dolandyryş, ylmy, medeni merkezi bolan paýtagtymyzyň ähli gözellikleri, ýaşaýyş jaýlary, ajaýyp seýilgählerdir suw çüwdürimleri, kaşaň köşkleri, myhmanhanalary göwnüňi galkyndyryp, kalbyňy güneş kimin çoýýar, ruhuňy göterýär. Ak şäherimiz Aşgabat bu gün bedew batly ösüşleri, innowasion tehnologiýalar we iň gowy dünýä tejribesi ornaşdyrylan täze binalary bilen dostlugyň hem-de myhmansöýerligiň asylly däplerini aýawly saklaýan şäher hökmünde türkmen halkynyň bagtyýar durmuşyny görkezýär» diýip belleýär.

Hemişelik Bitarap döwletimiziň merkezi bolan paýtagtymyz dünýäniň iň bir bagtyýar ýaşaýjylarynyň ýaşaýan ýeri hökmünde 2007-nji ýylda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezine öwrülip, 2008-nji ýylda paýtagtymyzyň Baş baýdak sütüni beýikligi boýunça Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabynyň sahypalaryndan orun aldy, 2013-nji ýyldan bäri hem her ýylyň 25-nji maýy Aşgabat şäheriniň güni hökmünde bellenilýär. 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary geçirilen paýtagt şäheri hökmünde hemmeleriň ünsüni özüne çekdi.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanan günleri Aşgabat şäheri 105 ýaşyndady, emma paýtagtymyz şondan soň görlüp-eşdilmedik derejede ösdi-örňedi. Şondan soň XX asyra mahsus şähergurluşyk usuly esasynda täze, özem görlüp-eşdilmedik jaýlar gurlup, ilatyň sany mese-mälim artdy. Täze senagat kärhanalary gurlup, öňden bar bolanlarynyň durky tazelendi, täze mekdepler, çagalar baglary, ýokary okuw mekdepleri gurlup, köçeler abadanlaşdyrylyp, seýilgähler döredildi, gurulýan, durky täzelenýän muzeýler, tomaşa jaýlary paýtagtymyzyň öňdenem gözel keşbine gözellik goşdy. Birleşen Milletler Guramasynyň kabul eden «Energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna ygtybarly we durnukly iberilmegi we halkara hyzmatdaşlygynda we durnukly ösüşi üpjün etmekde onuň roly» atly rezolýusiýasy, 2013 — 2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň BMG-niň Ykdysady we Durmuş ösüşi geňeşiniň berkemegine öz oňyn täsirini ýetirdi. Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda syýasy we ykdysady ugurlarda gazanan üstünlikleri paýtagtymyzy parahatçylygyň hem abadançylygyň, asudalygyň ýurdunyň merkezi hökmünde meşhurlyga ýetirdi.

***Aýbölek NAZAROWA,***
***Mary welaýatynyň Oguz han etrabynyň ýaşaýjysy.***




*Arkadag şäheriniň 3 ýyllygyna*

# «ÝAŞYL» TEHNOLOGIÝALAR ŞÄHERI — AÝRATYN ÄHMIÝETLI WAKALARYŇ MERKEZI

Açylan gününden başlap, «Akylly» şäher hökmünde ykrar edilen, «Gurluşygyň we senagatyň beýik nusgasy» hökmünde örboýuna galan, «Döwrüň beýik gudraty» hökmünde özüni tanadan, «Ýaşyl tehnologiýalar şäherini» häzirki gün görmäge göz, taryp etmäge hem söz gerek. Ýewropanyň Hil barlaglary boýunça jemgyýetiniň hil baradaky baýragynyň we güwanamalarynyň eýesi, şeýle hem onuň hil dolandyryş ulgamynda ilerleýän başlangyçlary, gazanýan üstünlikleri üçin «Hil saýlawy — 2024» nyşany bolan «Diamond» derejesine mynasyp bolan lukmançylyk klasteriniň önümleri halkara derejesi babatda hasaba alnyp, olaryň haryt nyşany Bütindünýä intellektual Eýeçilik Guramasynyň Halkara býurosynyň degişli güwanamasy bilen tassyklanyp, döwrüň iň bir häzirki zaman täzeçilliklerini özünde jemlän Arkadag şäheri häzirki gün hemmeleriň isleýän we isleg bildirýän ajaýyp şäherleriň birine öwrüldi. Ol binagärlik we ekologik derejesi boýunça hemmäni haýrana galdyrmak bilen, «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan, «akylly» şäher hökmünde ady-owazasy dünýä dolýar. Dogrusy Arkadag şäheri bagtyýar durmuşy başdan geçirmek bilen, onuň gurluşygy diňe bir Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda däl, eýsem onuň at-abraýy halkara derejesinde hem dünýä ýaň salýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyç-tagallasy bilen binýady goýlup, hormatly Arkadagymyzyň howandarlygy, aýratyn atalyk aladalary, hemişelik gözegçiligi netijesinde gurlup örboýuna galdyrylýan, özem Döwlet ähmiýetli şäher atly aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheri häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dowam etdirýän ägirt uly özgertmeleriniň anyk netijesi bolmak bilen, medeni-durmuş hem beýleki maksatly binalaryň 336-syny öz içine alýan, iň bir häzirki zaman awtoulag serişdeleri, şonuň ýaly-da elektromobiller bilen üpjün edilen, «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulýandygy baradaky Güwänama eýe bolan, ulgam boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýän şäheri hökmünde hem hemmeleriň ünsüni özüne çekýär.

Birinji tapgyrynyň gurlup ulanmaga berlenine



29-njy iýunda üç ýyl bolan Arkadag şäherimiz ekologiýa taýdan arassa, halkara derejesinde iň bir gözel şäherleriň biri hökmünde sahawatly türkmen topragynda döredilen gözelliklerden bolup, ol hormatly Prezidentimiziň adalatly belleýşi ýaly «Türkmen topragynda dörän kämil sungat eseridir». Arkadag şäheri haýyr-sahawat işleriniň dabaralanýan merkezine öwrülmek bilen, bu şäheriň artykmaç taraplary hormatly Prezidentimiziň öz Gutlagynda adalatly belleýşi ýaly: «Bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň bäş ýyllygy mynasybetli geçirilen çäreler uly dabaralara, çuňňur many-mazmuna beslendi. Şäherde gurulýan döwrebap metjidiň golaýda «Arkadagyň ruhy metjidi» diýlip atlandyrylmagy hem bu mekanda sahawatly işleriň barha rowaçlanýandygyny, halkymyzyň asylly däp-dessurlarynyň dowamat-dowam bolýandygyny görkezýär».

Bu şäherde ilkinji gezek ulanyşa girizilen «123» belgili ulgam adatdan daşary ýagdaý ýüze çykanda telefon arkaly ýüztutmalary kabul edip, degişli dessin gulluklara — gaz howpsuzlygy, «Tiz kömek» gulluklaryna habar berýär. Şäherde bagy-bossanlyk syýasaty amala aşyrylyp, bu ýerde ýola goýlan elektromobil taksiler, elektrobuslar ekologik taýdan arassa sazlaşygy üpjün edýär. Hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, 2021-nji ýylyň 29-njy martyndan bäri «Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy» hereket edýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, bu gazna Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady dakyldy. Onuň döredilen gününde ilkinji bolup Milli Liderimiziň serişde goýandygy iň bir guwandyryjy wakalaryň biridir.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän «ýaşyl» sahawatly şäher eziz Diýarymyzyň täze ylym-bilim, medeni we halkara merkez hökmünde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň iş saparlaryny yzygider amala aşyrýan, onuň dokuzynyň hemmetaraplaýyn düzüw, iň bir kämil şäher bolmagy babatda ähli tagallalaryň edilýän şäheri hökmünde barha we barha abadanlaşýar. Arkadag şäheriniň häzirki zaman



şähergurluşygynyň toplumlaýyn ulgamyny öz içine alýandygy onuň tapgyrlaýyn dowam etdiriljek gurluşygynda säwliklere ýol berilmezligi üçin esas bolup hyzmat edýär.

Eziz Diýarymyzda bu şäheriň «Arkadag» şäheri babatda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň gazanýan üstünlikleriniň aýdyň mysalydyr. Täze şäher häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly, kämil şäherleriniň biri boldy» diýip, munuň hakykatdan hem şeýledigini tassyklady.

Döwlet derejesinde «Bagtyýar ýaşaýşyň şäheri», «Akylly» durmuşyň infrastrukturasy», «Arkadag şäheri — halkara hyzmatdaşlygyň ilerleýän mekany», «Akylly» şäheriň innowasion mümkinçilikleriniň nusgasy», «Bagtyň waspy» diýlip atlandyrylýan «akylly» şäher giň mümkinçilikleriň şäheri hökmünde bu ýerde möhüm ähmiýetli wakalara hem baýdyr.

Arkadag şäheriniň heniz birinji tapgyrynyň açylyş dabarasynda şähere abraýly halkara guramalary we dünýä belli daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan güwamanamalaryň hem diplomlaryň 21-si gowşuryldy. Olaryň arasynda ÝHG-niň Arkadag şäheriniň ýaşaýyşyň hil düzümini ýokarlandyrmaga gönükdirilen gurluşygy hem-de aňrybaş tehnologiýalary, amalla we çeşmeler arkaly häzirki zaman şäher ösüşi üçin Minnetdarlyk şahadatnamasy, «Türki dünýäniň ilkinji «akylly» şäheri» atly şahadatnama, «Türki medeniýetiň halkara guramasynyň «XXI asyryň şäheri» atly ýörite şahadatnamasy, «Paýtagtlaryň we iri şäherleriň halkara assambleýasy» assosiasiýasynyň şäher gurluşugunda «akylly» şäher maksatnamasynyň toplumlaýyn durmuşa geçirilendigi üçin diplomy: Birleşen Milletler Guramasynyň Senagat ösüşi boýunça guramasynyň 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüşiň gün tertibiniň inklýuziw we durnukly senagat ösüşine (ISID) gönükdirilen dördünji senagat öwrülişiginiň (4IR) sanly tilsimatlary ulanmak arkaly «akylly» şäheri gurmak babatda şahsy goşandy üçin Minnetdarlyk güwänamasy, Ählumumy «ýaşyl» ösüş institutynyň Arkadag şäherine «Ýaşyl» we «akylly» şäher şahadatnamasy kimin abraýly halkara derejeli sylaglary bar.

Ynsan paýhasy hem sungaty bilen döredilen, ýerdäki jennet hasaplanylýan Arkadag şäheri bir tarapdan behişti mekan hasaplanylsa, ikinji bir tarapdan geljekki nesiller üçin döredilen ýaşaýyş durmuşyny aňrybaş derejede dolandyrmak maksady bilen gurlan iň bir amatly şäherleriň biridir. Munuň hakykatdan hem şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem: «Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň gazanýan üstünlikleriniň aýdyň mysalydyr. Täze şäher häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly, kämil şäherleriniň biri boldy» diýip belleýär. Bagta barýan ýoluň gözbaşynda duran, bagty görmek isleýänlere «Geliber!» diýip, gol bulaýan Arkadag şäheri «Bagtyýar ýaşaýyşyň şäheri» hökmünde «Döwrüň beýik gudratyna» öwrülip, «Akylly» durmuşyň infrastrukturasy», «Halkara hyzmatdaşlygyň ilerleýän mekany» hökmünde, «Bagtyň waspy» diýip atlandyrylýan «akylly» şäher hökmünde adamlary haýrana galdyrmagyny dowam etdirýär.

***Hemra PIRIÝEW,***
***Daşoguz welaýatynyň***
***Köneürgenç etrabynyň ýaşaýjysy.***

# GURMAK WE DÖRETMEK — BEÝIK GELJEGIŇ BINÝADY



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek boýunça başlangyçlar barha rowaçlanýar. Oba milli maksatnamasynda, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň ähli sebitlerinde döwrebap ýaşaýyş jaýlary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Çünki, Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary esasynda ýurdumyzda adam hakdaky alada döwlet syýasatymyzyň baş maksady bolup durýar. 8-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde 4 müň 500 hojalyga niýetlenen täze, döwrebap şäherçäniň düýbüni tutmak dabarasynyň geçirilmegi munuň nobatdaky aýdyň mysalydyr.**

Gurmak we döretmek taryhyň dowamynda halkymyzyň durmuş kadasyna öwrülen, ata-babalarymyzdan miras galan asylly ýoldur. Türkmen halky ähli döwürlerde-de guran binalary, şäherleri we döreden maddy-ruhy gymmatlyklary bilen dünýä medeniýetine uly goşant goşup gelýär. Häzirki günde şol milli ýörelgelerimiz Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde täze belentliklere

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Garaşsyz Diýarymyzda amala aşyrylýan ägirt uly gurluşyklar mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.**

göterilýär. Bu döwrebap gurluşyklar halkymyzyň bagtyýar geljeginiň binýadydyr.

Täze taryhy döwürde Diýarymyzyň dürli künjeklerinde döwrebap desgalardyr önümçilik toplumlary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Bilşimiz ýaly, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň giňden bellenilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda şeýle desgalaryň ençemesiniň düýbüni tutmak we açylyş dabaralary geçirildi. Olardan Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde kuwwatlylygy ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň gurluşygynyň, Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz böleginiň düýbüni tutmak, şeýle hem Esenguly etrabynda kuwwatlylygy bir gije-gündizde 20 müň kub metr agyz suwuny arassalaýjy desganyň we Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň, paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň açylyş dabaralaryny ýatlamak ýakymlydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy durmuşykdysady taýdan ösdürmek boýunça alyp barýan işleriniň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde döredilýän ýaşamak üçin ähli amatlyklary bolan döwrebap obalardyr şäherçeleriň sanynyň ýylsaýyn artýandygyny aýratyn bellemek gerek. Mälim bolşy ýaly, 2025-nji ýylda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze döwrebap Döwletli mekan obasy, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde Bitaraplyk şäherçesi hem-de awtomobil köprüleri, Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde «Bagtly zamana» atly döwrebap oba dabaraly ýagdaýda ulanmaga berildi.

8-nji aprelde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde täze döwrebap şäherçäniň düýbüni tutmak dabarasy geçirildi. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi tarapyndan bina ediljek täze şäherçe 800 gektardan gowrak meýdany öz içine alar. Onuň çäklerinde jemi 22 müň 500-den gowrak ilata niýetlenen 4 müň 500 sany ýaşaýyş jaýy gurlar. Bu jaýlarda adamlaryň ýaşamagy üçin amatly şertler döredilер. Şeýle hem bu ýerde Geňeşiň edara binasy, orta mekdepler, çagalar baglary, saglyk merkezleri, medeniýet öýi, metjit gurlup ulanmaga berler. Täze şäherçede döwrebap durmuş üpjünçilik ulgamlary hereket eder.

Dabaranyň dowamynda Ýolöten etrabynyň ýaşaýjylary çykyş edip, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Şa gadamynyň düşen ýeriniň gül-gülzarlyga, bereket çeşmesine öwrülýändigini, täze taryhy eýýamda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanýandygyny bellediler. Olar täze, döwrebap şäherçäniň gurluşygyna badalga berýändigi üçin döwlet Baştutanymyza hem-de Milli Liderimize tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

Görnüşi ýaly, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlandyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Şonuň netijesinde ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş toplumlarynyň, obadyr şäherçeleriň gurluşyklary dünýäniň öňdebaryjy tejribesine laýyklykda alnyp barylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Mary welaýatyna amala aşyran iş sapary hem halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda üstünlikli durmuşa geçirilýän netijeli işleriň nobatdaky aýdyň beýanydyr.

*Gurbangeldi* ***ORAZBERDIÝEW,***
***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň jogapkär kätibi.***



# DÖWREBAP, DURNUKLY ULAG ULGAMY

*dünýä ykdysadyýetini ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri*

**Halkara ähmiýetli üstaşyr ulag düzümini döretmekde uly işleri durmuşa geçirýän ýurdumyzda uzynlygy 600 kilometre barabar bolan Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat böleginiň açylyş dabarasyna hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hem gatnaşyp, bu uly desganyň açylyş dabarasyna ak pata bermegi iri taslamanyň durmuşa geçirilmeginde ýurdumyzda esasy wakalaryň birine öwrüldi.**

Garaşsyzlyk döwrüniň 35-nji ýylynyň baýram edilýän döwrüne çenli köprüleriň, hasam geçmişde däli derýa diýlip, dabarasy daglar aşan Amyderýanyň üstünden üstaşyr demir hem awtomobil köprüleriniň gerekli möçberi guruldy. Olar ýurdumyzyň içeri hem daşary gatnaşyklaryny giňişleýin üpjün etmek üçin döredilen giňişleýin mümkinçiliklerdir. Şeýle-de Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki zaman strukturasynyň gaýtadan dikeldilmegidir. Munuň şeýledigini hormatly Prezidentimiz hem: «Irki döwürlerde yklymlary birleşdiren Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm bölegi ýurdumyzyň üstünden geçipdir. Häzirki döwürde biz bu ýoly döwrebap görnüşde dikeltmek ugrunda ähli tagallalary edýäris. Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurulmagy hem bu ugurda möhüm ähmiýete eýedir» diýip tassyklaýar. Elbetde, bu ýol abadançylykly bagtyýar durmuşyň, halkara derejesinde dünýä çykmagyň, dürli maksatly üstaşyr geçelgeleri, awtomobil ýollaryny gurmagyň häzirki zaman görnüşi hökmünde gurlan döwrebap desga hökmünde doganlyk-dostlugyň hyzmatynda goýlan ýollaryň üstaşyr görnüşi hökmünde hemmeleriň ünsüni özüne çekýär.

Bu taslama — Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna 2019-njy ýylyň 24-nji ýanwarynda badalga berildi. Şol gün ýokary tizlikli Aşgabat — Türkmenabat ugry boýunça üç tapgyrdan ybarat awtomobil ýolunyň gurluşygyna girişildi. Onuň uzynlygy 203 kilometre barabar bolan Aşgabat — Tejen böleginiň 2021-nji ýylyň oktýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ak pata bermeginde ulanmaga berlendigi, awtobanyň birinji böleginiň — awtomobil ýolunyň hiliniň ISO 9001 standartyna laýyklygy, şonuň ýaly hem taslamany düzmek boýunça we gurluşyk baradaky işleriň halkara standartlaryna laýyklykda, has ýokary, «Ýol gurluşygyny taslamalaşdyrmak» we «Gurluşyk işleri» standartlaryna laýyklygy, ýoluň ýokary derejede howpsuzlygy, gurluşygynda innowasion tehnologiýalaryň ulanylandygyny tassyklaýan güwänamalara mynasyp bolandygy bellenilmage mynasypdyr. Uzynlygy 203 kilkometre barabar Aşga-

bat—Tejen, 109 kilometre deň bolan Tejen — Mary ugry, şeýle hem uzynlygy 288 kilometre barabar bolan Mary—Türkmenabat bölegi üç tapgyrda gurlup, olar ýokary derejeli awtomobil ýollary hökmünde täze röwüşe eýe bolýar.

Alty hereket ediş zolagyndan ybarat bolup, ýer düşeginiň giňligi 34,5 metre, ýol hereket ediş böleginiň giňligi her bir tarapda 11,25 metre, her bir hereket ediş zolagy 3,75 metre barabar bolan bu iri taslamany durmuşa geçirmek Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 11-nji ýanwarynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy «Türkmen awtoban» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetine ynanyldy. Ýol gurluşyk işleriniň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak meselesini «Ata melhem» hususy kärhanasy, «Edermen» hem «Altyn nesil» hojalyk jemgyýetleri öz üstüne aldy we olar bu işleriň aňrybaş hötdesinden geldiler. Munuň şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz: «2019-njy ýylyň başynda hormatly Gahryman Arkadagymyz tarapyndan Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna badalga berildi. Umumy uzynlygy 600 kilometre deň bolan bu ýoluň Aşgabat — Tejen, Tejen — Mary aralygyndaky iki tapgyry ulanmaga berildi. Bu gün bolsa bu ýokary tizlikli ýoluň gurluşygy doly tamamlandy. Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli ýolunyň gurluşygynyň durmuşa geçirilmegi üstaşyr awtomobil gatnawlarynyň Aziýa — Ýuwaş Ummany aralygynda uzalyp gidýän awtoýollaryň üstaşyr köpugurly ulgamyna çalt çykylmagyna ýardam edýär. Bu, elbetde, Gündogar — Günbatar, Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ýurdumyzyň häzirki zaman ulag geçelgelerini dünýä döwletleriniň ulag ýollary bilen birleşdirmek arkaly bu wezipäni oňyn çözmekde degerli işleri durmuşa geçirer. Bu barada hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwürde Bitarap döwletimiz ulag diplomatiýasyny yzygiderli ösdürip, bu ugurda halkara bileleşik, goňşy we hyzmatdaş ýurtlar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýýar. Ulag ulgamynda bilelikdäki iri taslamalary amala aşyrmaga işjeň gatnaşýar, möhüm halkara başlangyçlary öňe sürýär. Birleşen Milletler Guramasynyň yglan eden Durnukly ulag boýunça onýyllygynyň ilkinji ýylynda şeýle uly taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bedew batly ösüşlerimize şaýatlyk edýär» diýip belleýär.

Aşgabat — Daşoguz awtomobil ýolunyň 24-nji kilometrinden gözbaş alýan ýokary tizlikli Aşgabat — Türkmenabat ýolunda elektron tölegleri hem göz öňünde tutulyp, ol ýerde ýol gözegçilik gullugynyň merkezi bekedi, ýolagçylar üçin dynç alyş meýdançasy hem ýerleşendir. Awtobanyň ugrunda häzirki zaman köprüleriniň onlarçasy ýerleşip, dürli jandarlar hem adamlar üçin ýörite ýerasty geçelgeler, suw akabalary hem-de beýleki desgalar gurlandyr. Şeýle-de ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň ugrunda tehniki hyzmatlar üçin ýöriteleşdirilen awtomobil hyzmat merkezleri bolup, ýol hereketleri ýörite ulgam arkaly dolandyrylýar. Şeýle hem onuň durmuşa geçirilmegi üstaşyr awtomobil gatnawlarynyň Aziýa — Ýuwaş Ummany sebitine çenli uzalyp gidýän awtomobil ýollarynyň köp sanly ulgamyna çalt çykylmagyny üpjün eder.

***Eziz ÇARLYÝEW,***
***Jepbarguly GURBANOW,***
***S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymlary.***



# ULAG-LOGISTIKA ULGAMYNDA TÄZE ÖSÜŞLER




**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Ýewraziýanyň iri ulag-üstaşyr geçiriji merkezine öwrülýär. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly «Şu günki gün ýurdumyzda ulag düzüminiň utgaşdyrylan ulgamy döredilip, Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginden uzaýan halkara we sebitara deňiz, derýa, awtomobil, polat we howa ýollary dünýäniň gujagyna aralaşýar, ak ýollar halklary birleşdirýär, yklymlary ýakynlaşdyrýar».**

8-nji maýda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherindäki «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasynyň geçirilmegi muny nobatdaky gezek bütin aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

Häzirki döwürde yklymyň möhüm çatrygynda ýerleşýän ýurdumyzyň geosyýasy we geoykdysady mümkinçilikleri netijeli ulanylýar. Üstaşyr ulag geçelgeleriniň gurluşygyna uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa sebitiň çäklerinde halkara söwda dolanyşygynyň mukdarynyň artmagyna, ýurdumyzyň dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulmagyna mümkinçilik berýär. Şunda Hazaryň kenarynda ýerleşýän Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçilikleriniň netijeli peýdalanylmagy bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Türkmenistanyň ulag-logistika ulgamyny ösdürmek, milli deňiz pudagyny kämilleşdirmek maksady bilen, ýolagçy we ýük dolanyşygynyň möçberi yzygiderli artdyrylýar.**



üns merkezinde saklanýar. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda alnyp barylýan işler Türkmenistanyň sebitiň üstaşyr ulag merkezi hökmünde ornuny pugtalandyrýar. Ulag-logistika ulgamynyň ähli düzümleriniň döwrebaplaşdyrylmagy ýurdumyz üçin Ýewraziýa giňişliginde durnukly ösüşi, howpsuzlygy berkitmegiň möhüm şertini emele getirýär. Munuň özi geçmişde ýurtlary we halklary baglanyşdyryan Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeldilmegine giň ýol açýar.

Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda geçirilen taryhy ähmiýetli çärede çykyş etmek bilen, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Gündogar — Günbatar, Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça halkara üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmekde möhüm ornuny aýratyn belledi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda täze demir we awtoulag ýollaryny, döwrebap Halkara howa menzillerini, Halkara deňiz portuny öz içine alýan kuwwatly ulag-logistika ulgamynyň döredilendigi aýdyldy. Hormatly Prezidentimiz 2018-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň ak pata bermegi bilen «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň işe girizilmeginiň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde möhüm waka bolandygyny nygtady.

Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň çäginde gurlan «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň kuwwatlylygy ýylda 4 gämi gurmaga, 20-den gowrak gämini abatlamaga we 12 müň tonna polady gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýär. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlary bilen ýola goýlan bu işler Türkmenbaşy Halkara deňiz portuny



kontinental ýük akymlaryny kabul etjek kuwwatly portlaryň birine öwürmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň ulag ulgamynyň material-tehniki mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen degişli Kararyna laýyklykda, 2023-nji ýylyň 31-nji awgustynda Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň çäginde «Türkmendeňizderýaýollary» agentligi üçin täze iki sany ýük daşaýjy gäminiň gurluşygyna badalga berildi. Bu taslama «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody bilen Koreýa Respublikasynyň «Koryo Shipbuilding Industry Technology Co. Ltd.» kompaniýasy tarapyndan bilelikde hyzmatdaşlyk etmek arkaly amala aşyryldy. Her biriniň ýük göterijiligi 6 müň 100 tonna, uzynlygy 123 metr, ini 16,5 metr we bortunyň beýikligi 8,3 metr bolan «Gadamly» hem-de «Menzil» atly bu gämileriň halkara ülňülere doly kybap gelmegi ýurdumyzda durmuşa geçirilýän işlendik taslamanyň esasy şertidir.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzyň 8-nji maýy türkmen gämi gurluşygynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Ýagny şol gün hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatyna iş saparynyň dowamynda täze gurlan «Gadamly» gury ýük gämisini ýüzüşe goýbermek dabarasyna gatnaşmagy ýurdumyzyň bu ulgamda täze basgançaklara çykandygyny alamatlandyrdy. Gury ýük gämisiniň milli hünärmenlerimiz tarapyndan gurlandygy has-da guwandyrýar. Hormatly Prezidentimiz bu şanly waka mynasybetli eden çykyşynda koreýaly hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde ýerli hünärmenlerimiz tarapyndan gurlan «Menzil» atly ýük gämisiniň hem şu ýylyň dowamynda ulanmaga beriljekdigi barada aýdanlary bu ugurda uly-uly sepgitleriň nazarlanylýandygyny alamatlandyrdy. Ýurdumyzda täze ýük gämileriniň ulanmaga berilmegi milli deňiz-söwda flotunyň mümkinçiliklerini has-da giňeltmäge ýardam berer.




Bu dabaraly günde «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodyna halkara güwänamalar gowşuryldy. Hususan-da, täze gäminiň gurluşygynda öňdebaryjy inženerçilik taslamalary we gurnama işleriniň ýokary hili üçin Koreýa Respublikasynyň «Koryo Shipbuilding Industry Technology Co. Ltd.» kompaniýasynyň güwänamasy, zawodyň we gurlan gäminiň ekologiýa ýaly möhüm ugur boýunça ýokary halkara standartlara laýyk gelýändigi üçin Fransiýa Respublikasynyň «Bureau Veritas Marine & Offshore» kompaniýasynyň güwänamasy gowşuryldy.

Bu taryhy çäräniň dowamynda Arkadagly Gahryman Serdarymyz gäminiň gurluş aýratynlyklary we onda döredilen şertler bilen tanyşdy. Soňra hormatly Prezidentimiz täze gämini işe girizmäge ak pata berdi.

Şeýle taryhy wakalar, gazanylan beýik ösüşler ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň şöhratly taryhynyň nurly sahypalarydyr. Şular ýaly il-ýurt üçin haýyrly hem beýik işleriň sakasynda duran Milli Liderimiziň, halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek, döwletimiziň ösüşlerini has-da işjeňleşdirmek ugrunda beýik işleri durmuşa geçirýän, Garaşsyz döwletimizi gülledip ösdürmekde peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän döwlet Baştutanymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, işleri rowaç bolsun.

***Allaberdi MELÄÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Ulag, mehaniki we energetika bölüminiň baş hünärmen-logisti.***



# TÄZE ÝAŞAÝYŞ JAÝLARY — AJAÝYP BAÝRAMÇYLYK SOWGADY

**2026-njy ýylyň 25-nji maýynda ýurdumyzda giňden bellenilýän Aşgabat şäheriniň güni paýtagtymyzda durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryna beslendi. Şäheriň Berkararlyk we Bagtyýarlyk etraplarynda ulanmaga berlen döwrebap ýaşaýyş jaýlary Watanymyzyň durmuş ugurly döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsi boldy.**

Halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ösen ýokary isleglериň talaplaryna görä ýola goýmak, raýatlary ýokary amatlykly, döwrebap ýaşaýyş jaýlarynda ýaşatmak hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan durmuş ugurly syýasatynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda berkarar Diýarymyzyň ähli künjeklerinde, aýratyn hem gözel paýtagtymyz Aşgabatda, «akylly» Arkadag şäherinde dürli maksatly binalardyr desgalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary ýokary depginler bilen yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli halkymyza iberen Gutlagynda belleýşi ýaly, Watanymyzyň ak mermerli paýtagty Aşgabat Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýik ösüşlere beslenip, tanalmaz derejede özgerýär. Aşgabady dünýäniň gülläp ösýän şäherleriniň birine öwürmek maksady bilen, iri möçberli maýa goýumlar gönükdirilýär. Dünýä tejribesiniň öňdebaryjy binagärlik däpleriniň, inženerçilik-tehniki çözgütleriniň milli binagärlik ugurlary bilen utgaşdyrylýan ak mermerli paýtagtymyzda mähriban halkymyzyň bagtyýar durmuşyny, döwrebap ýaşaýyş şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli amala

aşyrylýar.

Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli köp gatly we kottej görnüşli ýaşaýyş jaýlarynyň açylmagy paýtagtymyzy toplumlaýyn ösdürmek boýunça maksatnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky güwäsidir. Şanly senä aýratyn öwüşgin çaýan dabaralara il sylagly ýaşulular, eneler, Aşgabat şäher we etrap halk maslahatlarynyň agzalary, ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, halk köpçüligi, talyplar gatnaşdylar.

Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna beslenýän şu ýylda uly ruhubelentlik we buýsanç bilen bellenen eziz Diýarymyzyň ýüregi bolan Aşgabat şäheriniň güni bilen baglanyşykly ýokary derejede geçirilen dabaraly çäreleriň çäklerinde paýtagtymyzyň Berkararlyk etrabynyň 8-nji kiçi etrapçasynda 5 gatly, 60 öýli we 5 gatly 80 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň, Bagtyýarlyk etrabynyň «Çoganly» ýaşaýyş toplumynda 2 gatly 5 otagly 78 sany kottej görnüşli ýaşaýyş jaýlarynyň dabaraly açylyp, täze öý alan bagtyýar maşgalalara dabaraly ýagdaýda öýleriň açarlarynyň gowşurylmagy Aşgabat şäheriniň gününiň baýramçylyk ruhuny has-da belende göterdi.



Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde giň gerimde alnyp barylýan binagärlik işlerine türkmen gurluşykçylary, şol sanda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň demirbeton önümlerini öndürýän kärhanalarynyň zähmetsöýer gurluşykçylary hem mynasyp goşant goşýarlar. Ýeri gelende binalaryň gurluşygynda ulanylýan ýokary hilli gurluşyk serişdeleriniň hem bu ministrligiň senagat kärhanalarynda öndürilýändigini bellemek bolar.

Bu baýramçylyk gününde paýtagtymyzyň depginli ösýän künjegi bolan Bagtyýarlyk etrabynyň «Çoganly» ýaşaýyş toplumynda dabaraly açylyp ulanmaga berlen 2 gatly, 5 otagly 78 sany kottej görnüşli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyny Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Aşgabat şäheriniň «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň ussat gurluşykçylary amala aşyrdy.

Täze jaýlarda maşgalalaryň bagtyýar ýaşamagy, dynç almagy üçin ähli şertler göz öňünde tutulypdyr. Kottej jaýlarynyň töwereginde ekilen dürli baglar we güller bu künjege aýratyn gözellik çaýýar. Jaýlaryň howlusynda bassyrma gurnalyp, kömekçi desgalar göz öňünde tutulypdyr. Döwrebap ýaşaýyş jaýlaryndan başga, bu ýerde ýol-ulag, inženerçilik ulgamlarynyň desgalarynyň gurluşyk işleri-de ýokary derejede ýerine ýetirilipdir. Täze gurlan iki sany söwda we hyzmatlar öýünde ilatyň gündelik sarp edýän harytlarynyň dürli görnüşleri hödürlenilýär.

Dabara gatnaşyjylar öý eýelerini gutlap, täze öý-ojaklaryň toýly we abadan bolmagyny arzuw etdiler. Ýurdumyzda bildirilýän talaplara laýyklykda, jaýlaryň gurluşygynda, bezeg işlerinde ýerli howa şertlerine, ekologik kadalara gabat gelýän ýokary hilli gurluşyk serişdeleri ulanyldy. Giň we ýagty otaglar, aşhana ýokary hilli mebeller, hojalyk tehnikalary bilen üpjün edilipdir. Bagtyýar ýaşaýjylar ýurdumyzda her bir maşgalany häzirki zaman öýi we jaýy bilen üpjün etmek boýunça wezipäniň üstünlikli durmuşa geçirilýändigi üçin döwlet Baştutanymyza alkyşlaryny beýan etdiler.

Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli açylyş dabaralarynyň dowamynda täze ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynda tapawutlanan gurluşykçylara hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy. Aşgabat şäheriniň güni hem-de täze ýaşaýyş jaýlarynyň açylmagy mynasybetli berlen toý sadakasynda halkymyzy bagtyýar durmuşda ýaşadýan, Watanymyzy bedew bady bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, giň möçberli işleriniň hemişe rowaç bolmagy arzuw edildi.

***Maksat ANNAMUHAMMEDOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Düýpli gurluşyk we maýa goýum bölüminiň başlygynyň w.w.ý.ý.***

# ÝURDUMYZDA BÜTINDÜNÝÄ WELOSIPED GÜNI BELLENILDI



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge, köpçülikleýin sport hereketini dabaralandyrmaga, ilatyň beden we ruhy taýdan sagdynlygyna gönükdirilen möhüm işler durmuşa geçirilýär. Milli senenamamyzda mynasyp orun alan Bütindünýä welosiped güni ildeşlerimiziň sagdyn durmuş ýörelgelerine ygrarlydygyny görkezmek bilen, raýdaşlyk ruhuny dabaralandyrýar. Şoňa görä-de, 3-nji iýunda ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni giňden bellenildi. Bu halkara sene mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagy onuň many-mazmunyny has-da artdyrdy.**

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şu ajaýyp gününde welosipedli ýöriş paýtagtymyzyň Çandybil şaýoly bilen Bekrewe köçesiniň çatrygynda ýerleşýän «Welosiped» binasynyň ýanyndan badalga aldy. Bu asylly çärä gatnaşyjylar paýtagtymyzyň Çandybil we Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň ugry bilen ýola düşdüler.

Mälim bolşy ýaly, welosipedli ýörişler durmuş-ekologok taslamalary goldamak, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini dabaralandyrmak maksady bilen amala aşyrylýan giň gerimli çäreleriň biridir.

Dabara gatnaşyjylaryň ählisiniň welosipedli ýörişe badalga beren döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýermegi welosportuň muşdaklarynyň sanynyň barha artýandygyny görkezdi. Çünki köpçülikleýin bedenterbiýe we sport hereketi kuwwatly, jebisleşdiriji güýje eýe bolup, ilatyň beden, ruhy taýdan saglygyny pugtalandyrmaga ýardam berýär. Häzirki döwürde halkymyzyň abadan durmuşy baradaky hemmetaraplaýyn alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde kesgitlenildi. Şunda ilatyň saglygyny goramaga, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini ösdürmäge, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmäge aýratyn üns berilýär.

Gahryman Arkadagymyz «Biz ýaşlarymyzy ýurdumyzyň geljegi hasaplaýarys. Biziň ösüşlerimiz, ata Watanymyzyň berkararlygy, ýurdumyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy ýaşlarymyza

baglydyr» diýip belleýär. Öňde goýlan maksatlara ýetmekde türkmen ýaşlaryna uly orun degişlidir. Şunda nesilleriň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy olaryň geljekde ruhy taýdan kämil şahsyýetler bolup ýetişmeginde uly ähmiýete eýedir. Şeýle-de çagalardyr ýaşlaryň köpçülikleýin sport hereketine işjeň gatnaşmaklary olaryň sagdyn ösüşine oňyn täsirini ýetirýär hem-de durmuşa kadaly uýgunlaşmagyna itergi berýär.

Ýakynda Bütindünýä welosiped güni mynasybetli Gökderedäki «Çynar» çagalar dynç alyş merkezinde dynç alýan Döwletliler köşgüniň ýaşlaryna Milli Liderimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan welosipedler gowşuryldy. Döwletliler köşgünde terbiýelenýän şol ýaşlar hem Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgat berlen welosipedlerde, hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, welosipedli ýörişe uly ruhubelentlik bilen gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz welosipedli ýörişi tamamlap, paýtagtymyzdaky Ruhyýet köşgüniň ýanyndaky pellehana bardy. Bu ýerde welosipedli ýörişe gatnaşyjylar ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan her ýylyň 3-nji iýunyny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda kabul edilen Kararnamanyň ähmiýetini bellediler hem-de hormatly Prezidentimizi, Gahryman Arkadagymyzy bu şanly sene bilen tüýs ýürekden gutladylar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda Bütindünýä welosiped güni mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen şu gezekki welosipedli ýöriş hem-de Arkadag şäherinde we ýurdumyzyň welaýatlarynda giňden ýaýbaňlandyrylan baýramçylyk çäreleri jemgyýetimizi umumy maksadyň daşynda jebisleşdirip, Türkmenistanyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdudygyny ýene bir gezek äşgär etdi.

*«Türkmenistanyň senagaty».*

# DAŞKY GURŞAWYŇ ABADANÇYLYGY – YNSAN BAGTYÝARLYGY

**Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyz halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolan ekologiýa howpsuzlyk syýasatyny üstünlikli ösdürýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu ýylyň 22 — 24-nji aprelinde Astana şäherinde geçirilen halkara sammitlerde öňe süren başlangyçlary sebitleýin hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmaga, tebigaty goramaga hem-de dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu başlangyçlar ýurdumyzyň halkara giňişligindäki ekologik diplomatiýasynyň möhüm ugurlaryny açyp görkezýär.**

Soňky ýyllarda sebitleýin ekologik meseleler aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Astana şäherinde geçirilen sebitleýin ekologiýa sammitinde howanyň üýtgemegi, suw serişdeleriniň azalmagy, çölleşme howpy we biodürlüligi goramak ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň öňe süren tekliplериniň arasynda «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini giňeltmek we sebitleýin ekologik hyzmatdaşlygy güýçlendirmek ýaly ugurlar bar.

Hormatly Prezidentimiz Sebitleýin ekologiýa sammitindäki çykyşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň durnukly ösüş ýörelgelerini işjeň ornaşdyryp, daşky gurşawy goramaga, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmaga, howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly täsirleri peseltmäge gönükdirilen giň möçberli ekologiýa syýasatyny we ony durmuşa geçirmek ugrunda tagallalary amala aşyrýandygyny giňişleýin ylmy esasda delillendirip beýan etdi.




Türkmenistanyň döwlet syýasatynda ekologiýa möhüm ugur hökmünde çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak hem-de «ýaşyl ykdysadyýet» konsepsiýasyny ösdürmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Şeýle hem metan zyňyndylaryny azaltmak, şäherlerde ekologik taýdan arassa ulaglary ornaşdyrmak, Gün we ýel energiýasyny ösdürmek ýaly başlangyçlar durmuşa geçirilýär. Bu çäreler ýurdumyzyň durnukly ösüş strategiýasynyň möhüm bölegidir.

Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygynyň çäginde dürli ýurtlar we halkara guramalar bilen ekologik ugurda işjeň gatnaşyklary ösdürýär. Maýa goýum forumlary, ylmy hyzmatdaşlyk duşuşyklary we sebitleýin maslahatlar arkaly ekologik meseleleriň çözgüdine tarap ynamly ädimler ädilýär. Hususan-da, suw serişdelerini dolandyrmak, çölleşmä garşy göreşmek we howanyň üýtgemegi bilen bagly taslamalar boýunça hyzmatdaşlyk giňeldilýär.

Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda öňe süren başlangyçlarynda Merkezi Aziýa sebitinde çölleşme meselesi aýratyn orun eýeleýär. Türkmenistan bu ugurda halkara hyzmatdaşlygynyň güýçlendirilmegini, bilelikdäki ylmy-barlag işleriniň alnyp barylmagyny hem-de sebitleýin ekologik maksatnamalaryň döredilmegini teklip edýär. BMG bilen hyzmatdaşlykda bu meseleleriň çözülmegi dünýä derejesinde möhüm ähmiýete eýedir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz sammitdäki çykyşynda serhetüsti suw serişdelerini rejeli we adalatly peýdalanmak meselesiniň aýratyn ünsi talap edýändigini belläp, ýurdumyzyň bu meseläniň üç sany ýörelgäniň esasynda çözülmeginiň tarapdary bolup çykyş edýändigini: birinjiden suw meseleleri boýunça esasy konwensiýalaryň we beýleki halkara namalaryň berk berjaý edilmegi, ikinjiden, serhetüsti derýalaryň ugrunda ýerleşýän ähli döwletleriň bähbitleriniň deň derejede göz öňünde tutulmagy, üçünjiden, halkara guramalaryň, ilkinji babatda, Birleşen Milletler Guramasynyň bu işe giňden gatnaşmagy ýaly şertleriň esaslyk halkara kada bolmagynyň möhümdigini beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisindäki çykyşy Sebitleýin ekologiýa sammitindäki çykyşy bilen pugta baglanyşykly bolup, bu halkara guramanyň işinde ýetilen sepgitleri we öňde duran wajyp wezipeleri özünde jemleýär.

Sammitiň jemleýji Jarnamasy sebit derejesindäki bitewi ekologiýa ulgamynyň binýadyny goýdy. Şunlukda, Astanadaky aprel duşuşyklary Türkmenistan üçin ekologiýa howpsuzlygynyň täze arhitekturasyny gurmakda daýanç nokady boldy. Munuň özi Hazar we Aral deňizlerini gorap saklamak boýunça milli bähbitleriň ählumumy howa maksatlary bilen sazlaşykly utgaşdyrylýandygynyň nyşanydyr.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda ekologik abadançylyga hem-de durnukly ösüşe gönükdirilen giň gerimli maksatnamalar dowam edýär. 2026-njy ýyl Türkmenistanyň ekologiýa syýasatynda täze mümkinçilikleriň açylýan, halkara hyzmatdaşlygynyň giňelýän we durnukly ösüşiň has-da rowaçlanýan ýyly hökmünde taryha girer. Astana şäherinde geçirilen ýokary derejeli duşuşyklar, Araly halas etmek bilen bagly başlangyçlar ýurdumyzyň ekologiýa diplomatiýasynyň üstünlikli dowam edýändigini görkezýär.

***Bäşim BÄŞIMOW,***
***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaktory.***

# ÖSÜŞLER WE OLARA BERILÝÄN TÄZE BADALGALAR...

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», şeýle hem ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň esasynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny, şol sanda himiýa senagatyny ösdürmekde hem häzirki wagtda ýurdumyzyň Lebap we Balkan welaýatlarynda giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Ýurdumyz täze önümçilikleri döretmek üçin zerur bolan çig malyň dürli görnüşlerine, baý gorlaryna eýedir. Şunda, hususan-da, himiýa, gazhimiýa, gurluşyk senagatynyň hem-de beýleki pudaklaryň çig mal binýadyny emele getirýän ägirt uly uglewodorod ýataklaryny özleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Geçen döwürde pudaga gönükdirilen ägirt uly maýa goýumlar esasynda iri gazhimiýa toplumlary döredildi. Himiýa senagatyny döwrebaplaşdyrmagyň ileri tutulýan ugry mineral dökünleriň önümçiligini giňeltmekdir. Bu bolsa ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde ygtybarly binýat bolup hyzmat edýär.

Geljekde himiýa senagatyny ösdürmekde innowasion tehnologiýalara esaslanmak, önümleriň görnüşlerini artdyrmak hem-de halkara bazarlarda bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak esasy maksatlaryň biridir. Şunuň bilen baglylykda, himiýa senagatynda ylmy barlaglary, bu ugurda işleýän hünärmenleriň özara gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek wajyp wezipeleriň hataryndadyr.

Häzirki döwürde gurluşyk we senagat toplumy milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Toplumyň düzümlerinde milli senagaty ösdürmek, maýa goýumlaryny gönükdirmek esasynda täze, döwrebap önümçilik kärhanalaryny gurmak hem-de ozal hereket edýän kärhanalary döwrebaplaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek we eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak, önümçilige sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak, döwrebap innowasion tehnologiýaly önümleriň önümçiligini ýola goýmak wezipeleri üstünlikli amala aşyrylýar. Türkmenistanyň himiýa senagatynyň kuwwatlyklaryny birnäçe esse artdyrmaga mümkinçilik berjek Lebap welaýatynyň Türkmenabatdaky S. A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynyň düzüminde mineral dökünleri öndürýän toplumyň hem-de Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumy gurmak ýurdumyzyň himiýa senagatynyň mundan beýläk-de ösmegine uly goşant bolar hem-de 1 müňe golaý täze iş orunlary dörär, bu bolsa welaýatyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrar, ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer hem-de Balkan welaýatynyň ykdysadyýetiniň düýpli ösdürilmegine öz oňyn täsirini ýetirer.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2025-nji ýylyň 21-nji maýynda kabul eden Kararyna laýyklykda, Türkmenabatdaky S. A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumy gurmak barada geçirilen bäsleşik netijesinde Koreýa Respublikasynyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýanyň Baş potratçy hökmünde ýokary tehnologiýalar ornaşdyrylan taslamalary durmuşa geçirmekde tejribesiniň bardygy nazara alnyp, 2024-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň bäsleşik topary tarapyndan bu kompaniýa halkara bäsleşiginiň ýeňijisi diýlip kesgitlenipdi. «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen Koreýa Respublikasynyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda 2025-nji ýylyň 24-nji maýynda şertnama baglaşyldy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ähli ugurlarynda ägirt uly üstünliklere beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 15-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenabatdaky S. A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynyň düzüminde mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbiniň tutulmagy ähli işgärleri häzirki zaman innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylýan zawodda has-da yhlasly işlemäge ruhlandyrdy.

Türkmenabat şäherindäki S. A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň önümçiliginde Ýewropanyň we Aziýanyň kämil tehnologiýalary ornaşdyrylýar. Bu ýerde zähmet çekjek hünärmenleriň birnäçesi «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen Günorta Koreýanyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda, daşary ýurtlaryň okuw mekdeplerinde okadylar. 2025-2026-njy okuw ýylynda şeýle ýaşlaryň iň sowatlylary Rumyniýanyň Timişoaranyň Politehniki uniwersitetine okuw ibermek üçin saýlanyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Balkan welaýatynda Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplum gurlar. «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen Ýaponiýanyň «Mitsubishi Heavy Industres, Ltd.» we Türkiýe Respublikasynyň «Gap Inşaat Yatirim ve Diş Ticaret Anonim Şirketi» kompaniýalarynyň arasynda 2025-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda THMG002 belgili şertnama baglaşyldy. 2025-nji ýylyň 2-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde Türkmenbaşy-Garabogaz gara ýolunyň 19-20-nji kilometrleriniň gündogar tarapynda ýylda 660 müň tonna ammiak we 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň düýbini tutmak dabarasy geçirildi. Täze guruljak toplumyň esasy önümçiliginde dünýäde öňdebaryjy kompaniýalaryň kämil, döwrebap tehnologiýalary ulanylar. Kärhananyň ammiak önümçiliginde Daniýanyň «Topsoe» kompaniýasynyň hem-de Italiýanyň «Saipem S. P. A.» we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Thyssenkrupp Fertilizer Technology CmbH» kompaniýalarynyň innowasion tehnologiýalary ornaşdyrylar. Täze kärhana gurlup ulanmaga berlenden soň, ol Türkmenistanyň himiýa senagatynyň kuwwatlyklary birnäçe esse artar we munuň özi pudagyň eksport babatdaky kuwwatyny giňelder.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda berkarar döwletimiziň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk toýuna uly ynam bilen alyp barýan, türkmen halkyny abadan we bagtyýar durmuşda ýaşadýan, himiýa senagatyny ösdürmek boýunça giň gerimli bimöçber aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak we il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin.

*Ogulbahar MELEKEÝEWA,*
*«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň*
*Işgärler bölüminiň esasy hünärmeni.*





# TÄZE MEDENI ÖSÜŞLERIŇ BEÝANY

Ýylgynly, Göksüýri, Garadepe ýaly gadymy oturymly ýerleri, Amul, Merw, Köneürgenç, Nusaý, Sarags deýin şäherleri-galalary bolan medeni ojaklary, geçmişde Oguz-türkmen, Parfiýa, Gun, Seljuk, Osman şadöwletleri bilen dünýä medeniýetiniň umumy ösüşine mynasyp goşantlar goşan türkmen halkynyň ata-babalary barada pikirleneniňde gaty kän zatlar seriňe dolýar. Mädinat diýen sözden gelip çykan medeniýeti, dünýä ýaň salan sungaty, şähergurluşyk senagaty bilen dünýä halklaryny aňk eden ata-babalarymyz öz duşmanynyň gaşynda duran wagty hem eline gazma dutaryny alyp, oňa meseläni parahatçylykly ýol bilen çözmegi aýdym-saz arkaly beýan eden halkdyr. Munuň özi türkmeniň aňrybaş ynsanperwer, adamkärçilikli halkdygyny görkezýär. «Görogly» şadessanynyň «Öwez öýlenen» şahasynda rowaýaty



Göroglynyň ýigitlerine ýüzlenip: «Bir toý tutuň älem galsyn haýrana» diýşi ýaly, edermen eždatlarymyzyň ýedi gije-gündiz toý tutup, bütin älemi haýrana galdyrandygy hakynda-da näçe diýseň mysallar bar.

Ata-babalarmyz tarapyndan: «Niýetiň ýoldaşyň bolsun!» diýlişi ýaly, elmydama toý-baýramly pederlerimiziň ýagşy günler hem olaryň ýoldaşy bolupdyr. Elbetde, dünýä kartasynda 1991-nji ýylyň güýzünde täze bir döwletiň, Garaşsyz Türkmenistanyň peýda bolup, çar tarapa nur saçýan bu ýurduň turuwbaşdan «Açyk gapylar» syýasatyny yglan etmegi, öňi bilen goňşy döwletler, galyberse-de bütin dünýä halklary bilen doganlyk-dostluk syýasatyny alyp barandygy, türkmeniň ata-baba syýasatyna laýyklykda ozalbaşdan hoşmeýilli Bitaraplyk syýasatyny ýöredip ugrandygy türkmen halkyna, Garaşsyz Türkmenistana eýýäm 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda dünýäniň iň iri Halkara Guramasynyň ykrar eden beýik Bitaraplyk derejesini gazanmak bagty miýesser edýär. Has takygy bu 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasyna şol wagtky agza ýurtlaryň 185-siniň goldamagynda Birleşen Milletler Guramasynyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamany kabul edendigi hakyndaky hemmeleriň aňyny heýjana getiren buşluk habary gelip gowuşdy.

Şol günden başlap ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasaty döwlet hem halkara derejesinde, ata Watanymyzyň ösüşlerini parahatçylykly ýoly ündeýji, şeýle düşünjäni halkara derejesinde berkidýän, dünýä halklaryny agzybirlige, ähli meseläni parahatçylyk ýoly bilen çözmäge çagyrýan daşary syýasatyny alyp barýan döwlet hökmündäki Bitaraplyk syýasaty giň jahana ýaýylyp ugrady. Elbetde, aýdym-saz sungatyna, şahyrana döredijilige, medeni-ynsanperwer häsiýete ýugrulan medeniýet hepdeligi ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gözbaş alýandyr. Hormatly Prezidentimiziň «Balkan welaýatynda geçirilýän medeniýet hepdeligine gatnaşyjylara» iberen Gutlagynda: «Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda berkarar döwletimiziň dünýädäki şan-şöhraty has-da belende göterilýär. Diýarymyzda halkara derejede geçirilýän forumlar, maslahatlar, sergiler, festiwallar we beýleki çäreler ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ygrarlydygyny, dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmaga, durnuklylygy, agzybirligi berkitmäge gönükdirilen işjeň tagallalary-



nyň barha rowaçlanýandygyny aýdyň görkezýär» diýlip, munuň hakykatdan hem şeýledigini görkezýär.

Aslynda-da her ýyl bellenýän Medeniýet hepdeligi köňülleriň, kelamlaryň, türkmen kalbynyň, şatlygynyň hem ruhubelentliginiň baýramydyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Medeniýet halkyň kalbydyr» diýen ganatly jümlesini ýol-ýörelge edinen halkymyz medeniýet hem sungat ulgamyny ösdürmäge, bu ulgamyň işgärleriniň işlerini döwrüň talaplaryna laýyklykda durmuşa geçirmäge, ata-babalarymyzyň gadymdan gözbaşly däp-dessrlaryny, milli gymmatlyklaryny, folklýor sungatyny çeper beýan etmäge mynasyp goşantlaryny goşýan kalplary joşgunly ynsanlaryň işlerini mundan beýlägem kämilleşdirmäge gönükdirilen tutumlary, meýilnamalaýyn işlerini ösdürmek maksatly çäreleri bilen ganatlanyp, Medeniýet hepdeligine gelýän adamlaryň şeýle döredijilikli alyp barýan işlerini iş ýüzünde has-da ösdürmäge döredilen şertler arkaly üstüni ýetirmäge mümkinçilik alýarlar.

Häzirki zaman dünýäsiniň dana şahsyýeti, şahyry Magtymguly Pyragy hakynda goşgy ýazan döwrümiziň iň bir dilleri senaly danalarynyň biri, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň şanyna şygyrlar düzen şahsyýeti:

**Hormat goýýas päk ruhunyň baýramyna-toýuna,**
**Tagzym edýäs zer ýalkymly pikirine-küýüne,**
**Köpetdagyň eteginde galdy bu gün örboýuna,**
**Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy —**

diýip goşgular ýazan Pyragy pederimiziň şanyna medeniýet hepdeligine gelen ýazyjy-şahyrlaryň, bagşy-sazandalaryň, medeniýet we sungat işgärleriniň dilleriniň senasyna öwrüldi. Bu ýerde Magtymguly Pyragy we onuň halypalary hem şägirtleri, halypa şahyrlar bolan türki halklaryň beýik danalary Alyşir Nowaýynyň, Ýunus Emräniň, iňlis şahyry, dramaturgy Wilýam Şekspiriň, nemes şahyry, dramaturgy Ýogan Wolfgang fon Gýotanyň, ermeni şahyry Saýat Nowanyň, belarus şahyry Ýanka Kupalanyň, hytaý edebiýatynyň görnükli söz ussady Du Funuň, fransuz ýazyjy-şahyry, dramaturgy Onore de Balzagyň, gruzin şahyry we suratkeşi Şota Rustaweliniň, rus ýazyjysy Fýodor Dostoýewskiniň, gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatowyň, pars şahyry Hafyz Şirazynyň, hindi ýazyjy-şahyry Rabindranat Tagoryň we beýlekileriň atlary ýagşylykda ýatlanylyp, olaryň goşgulary okaldy. Beýik Pyragynyň ajaýyp heýkeline gül desseleri goýuldy. Halypa ýazyjy-şahyrlaryň şanyna edebiýat agşamlary geçirildi, edebiýat we sungat ussatlarynyň bize galdyran edebi miraslary hakynda özara pikirler alşyldy. Balkan topragynda ýaşap, türkmen şygryýetiniň, prozasynyň, medeniýetiniň we sungatynyň ösmegine mynasyp goşantlar goşan Durdy şahyryň, Magtymguly Pyragynyň, Gurbandurdy Zeliliniň, Garadäli Gökleňiň, Baýram şahyryň, Pyhy Taganowyň, Sary Garryýewiň, Aşyrmämmet Dawudowyň, Annagül Annagulyýewanyň, Molla Çäkliýewiň, Gurbanmämmet Garajaýewiň we beýlekileriň atlary hormat bilen ýatlanyldy, olaryň durmuş ýollary, edebi şahyrana eserleri, aýdym-sazlary, ýerine ýetiren keşpleri, aýdym-sazlary hakynda özara pikirler alşyldy. Elbetde, eziz Diýarymyzda alnyp barylýan şeýle işler, medeniýet we sungat işgärleriniň döredijilikli zähmeti, çykyşlary, ýerine ýetirýän keşpleri, aýdym-sazlary, okap berýän şygyrlary, kyssa eserleri il-ulusyň, halkymyzyň döredijilikli zähmet çekmegine, durmuşda uly ýeňişleri gazanmagyna ýokary şertler döredýär. Hormatly Prezidentimiz munuň şeýledigi barada: «Täze taryhy döwürde aýdym-saz, şekillendiriş we amaly-haşam, teatr, kino sungatyny ösdürmek, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, muzeýleriň, kitaphanalaryň, medeniýet öýleriniň, medeni-aň bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmek, olara sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak ugrunda toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Medeniýet we sungat işgärleriniň joşgunly çykyşlary milli senenamamyzda orun alan baýramlara, şanly senelere, medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryna özboluşly bezeg berýär. Teatrlarda görkezilýän sahna oýunlary, kinoteatrlardaky çeper filmleriň görkezilişleri, medeniýet öýlerinde geçirilýän döredijilik duşuşyklary bagtyýar halkymyza döwrebap medeni hyzmatyň guralýandygyny aýdyň görkezýär. Berkarar Watanymyzyň durmuşyndaky şanly wakalar bolsa medeniýet we sungat işgärlerini döredijilikli zähmete, belent maksatlara, täze-täze eserleri döretmäge ruhlandyrýar» diýip belleýär.

***Nazar NAZAROW,***
***Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň***
***Berkarar şäherçesindäki medeniýet***
***öýüniň müdiri.***

*«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine*

## EZIZ DIÝAR DÜNÝÄ BARÝAR

Eziz Diýar, Watanym,
Bir tarapym Garagum,
Baglaryň düzüm-düzüm,
Ýürekleriň nagşy sen!

Sen şygrystan-dagymsyň,
Dünýä barýan ýollaň giň,
Hemem ýeke-tägimsiň,
Aýyň-Günüň dogşy geň!

Diýseň dana gojalaň,
Hemem nurly gijeleň,
Ýitelýär-ä didelem,
Seni her gün wasp edip,
Ýaňlanyp dur mukam-heň!

Düzleň reýhan-halyly,
Baranly hem doluly,
Baharyň gül-läleli,
Ýazlaň çykarýar höküm!

Tutdum atalar pendin,
Danadan ylham aldym,
Çynma-Çynyň ýurdundan
Gaýdýar Gyzylsuw-akym!

Hanha, eýjejik bala,
Dil saýrakdyr, diş gala,
Dünýä barylýan ýola,
Şaýlanandyr gyr atym!

*Şemşat ROZWELIÝEWA,*
*Zerger «Demirbetonönümleri» zawodynyň işgärler bölüminiň başlygy.*



**Arkadagdan arkaly dünýä...**

Bardyr bitewülik, bardyr aýralyk,
Hemem bize ýardyr, gör, ýagşy gylyk,
Duýguly dünýäniň töründen örüp,
Barýas Arkadagdan arkaly dünýä.

Gör-ä, diýseň gözel ýyldyzly älem,
Seň bilendir arzuw, pikir-hyýalym,
Bu ömrüň gülşenli ýollary bilen,
Barýas Arkadagdan arkaly dünýä.

Hemmä öwredýändir nusgalyk Adam,
Hemem öz ömrüni başlandyr A-dan,
Ikimizem, dünýäm, urýarys gadam —
Barýas Arkadagdan arkaly dünýä.

Gyrmyzy, enaýy daglaryň güli,
Gowsy, dünýäm, ýene güller ekeli,
Baglar gül açanda görüp bilbili,
Barýas Arkadagdan arkaly dünýä.




*«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine*

Lälezar sähranyň gülleri, gör, del,
Köňlüm gül-gül açar geläýseň eger,
Gör, bu durmuş aýdyp-diýerden gözel,
Barýas Arkadagdan arkaly dünýä.

**Men Watanyň ogly, barlygym Watan!**

Dünýäler duýguly, çuňa çümdüm men,
Düýpden dür çöpledim, mähek deý ýarym.
Ara düşdi ýyllar, oba bardym men,
Garşy aldy meni mähribanlarym.

Güýz bar agyr ýüzli, owadan pasyl,
Görýän gözelligni dünýäniň sende.
Watany söýmegiň görýäs nusgasyn
Bu gün Arkadagyň kitaplarynda.

Hemem seýran etdik dünýäniň ýaryn,
Kalp gapysyn açýas. Öwrenýäs şindem.
Ýazmaga badalga. Ylhamlanýarys —
Bahar-ýaz görk bermiş eserlerinden.

Jennetiň bir ülşi bu eziz ýurdum,
Heniz ýaş men seni söýmän giderden,
Munda ogul-gyzdan, dogan-dost-ýardan,
Saňa weşeň-weşeň salam getirdim.

Hol dagda dur, pata berýär Pyragy,
Şol ýerden başlanýar mähriban ýurdum.
Aýdyp-diýerden saz Watanyň çägi,
Serhetde düşledim. Gülleriň tirdim.

Uçurýas batbörek. Asmanda gaýýar,
Ilerimiz daglyk, gaýra ýanmyz gum.
Watan, men barymy bermäge taýýar,
Çünki men ogluň.

*Abdylhalyk JUMADOW,*
*«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň baş hünärmeni.*

**Waspnama**

Berkarar döwletiň täze Galkynşy,
Özgerýändir Watan, her oba-kendi,
Dünýä nusga kämil Arkadag şähri,
Arkadagly, Arkadagly Serdarly,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym –
Bedew batly at-myradyň mekany!

Watana sowulmaz döwranlar geldi,
Şatlykdan joş urýar türkmeniň ýurdy,
Ösüşlermiz haýran edýär her kimi,
Arkadagly, Arkadagly Serdarly,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym –
Bedew batly at-myradyň mekany!

Täze galkynyşlar dünýä nur saçýar,
Özgertmeler dünýä ak ýollar açýar,
Türgenlermiz Tugy belent parladýar,
Arkadagly, Arkadagly Serdarly,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym –
Bedew batly at-myradyň mekany!

Giň äleme doldy türkmeniň ady,
Watanmyň abraýy dünýä ýaň saldy,
Arkadagly Serdar milletiň bagty,
Arkadagly, Arkadagly Serdarly,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym –
Bedew batly at-myradyň mekany!

Türkmenistan sagdynlygyň mekany,
Gülleýär, özgerýär türkmen Diýary,
Dünýä nusga beýik işleriň bary,
Arkadagly, Arkadagly Serdarly,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym –
Bedew batly at-myradyň mekany!

*Myrat GURBANOW,*
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň Aspirantura bölüminiň baş hünärmeni, Ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.*

**Bedew batly at-myradyň mekany!**

Garaşsyz, Bitarap, erkana ýurdum,
Sen meni eklediň, tagam-duz berdiň,
Geçmişiň altyndyr, geljegiň nurdur,
Bedew batly at-myradyň mekany!

Sen abadan, sende günler ajaýyp,
Bagt mukamyn çalýan ýyllar ajaýyp,
Söýýän seni jandan ileri saýyp,
Bedew batly at-myradyň mekany!

Dagyňa-düzüňe, sähraňa gurban,
Tämiz howaň jana melhem hem derman,
Gün-günden beýgelip, ýigdelip barýaň,
Bedew batly at-myradyň mekany!

Rowaçlanyp, bat berýärsiň döwrüme,
Kalplarmyzyň ganatyna öwrüle,
Hem ajap ykbalsyň Oguz kowmuna,
Bedew batly at-myradyň mekany!

Arkadagly Serdar il-halkyň bagty,
Bol miwe getirdi nesil daragtyň,
Öçmejek ýagty sen ýüregmizdäki,
Bedew batly at-myradyň mekany!

Başlaryň täji sen, diller senasy,
Arşy agla ýetýär köňül höwäsi,
Uzak bolsun Arkadagly Serdaryň ýaşy,
Bedew batly at-myradyň mekany!

*Amangeldi ORAZOW,*
*Türkmen döwlet gurluşyk-binagärlik institutynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy.*



# ЭНЕРГИЯ БУДУЩЕГО: УВЕРЕННЫЕ ШАГИ ТУРКМЕНИСТАНА К «ЗЕЛЕНОЙ» ЭНЕРГЕТИКЕ



Туркменистан, будучи одной из ведущих энергетических держав мира с богатыми запасами углеводородов, сегодня демонстрирует впечатляющую дальновидность и ответственность, совершая уверенный поворот в сторону устойчивой и «зеленой» энергетики. Этот стратегический вектор развития не только укрепляет энергетическую безопасность страны и региона, но и служит ярким примером приверженности глобальной климатической повестке. В основе этого масштабного преобразования лежит взвешенная государственная политика, реализуемая под мудрым руководством Президента Сердара Бердымухамедова и направленная на модернизацию существующей электроэнергетической системы, максимальное использование колоссального потенциала возобновляемых источников энергии (ВИЭ).

Туркменская электроэнергетика исторически опиралась на природный газ, но ее развитие идет по пути высокой эффективности и экологичности. В стране активно внедряются современные газотурбинные электростанции, использующие технологии комбинированного цикла. Эти инновации позволяют существенно увеличить коэффициент полезного действия производства электроэнергии, сокращая удельный расход топлива и, как следствие, минимизируя выбросы парниковых газов.

Результатом этой планомерной работы стала не только полная электрификация страны, но и значительное наращивание экспортного потенциала. Туркменистан поставляет электроэнергию в соседние страны — Афганистан, Иран, Кыргызстан и Узбекистан, играя ключевую роль в обеспечении региональной энергетической стабильности. Развитие транзитных коридоров и строительство новых ЛЭП подтверждают статус страны как надежного поставщика энергии, что является неотъемлемой частью ее успешной «энергетической дипломатии».

Понимание того, что будущее принадлежит чистым технологиям, привело к беспрецедентной активизации усилий в сфере ВИЭ. Географическое положение Туркменистана, с его более чем 300 солнечными днями в году и значительным



ветровым потенциалом, особенно в прибрежных и восточных регионах, создает идеальные условия для масштабного развития солнечной и ветровой энергетики. Потенциал ВИЭ в стране экспертами оценивается на уровне сотен гигаватт, что открывает огромные перспективы.

Эта «зеленая» трансформация опирается на прочную законодательную базу:

• Закон Туркменистана «О возобновляемых источниках энергии» (2021 г.) заложил правовые основы для стимулирования и регулирования сектора.

• Национальная стратегия по развитию возобновляемой энергетики до 2030 года определяет четкий курс и целевые показатели.

Ключевым практическим шагом стало строительство первой в стране гибридной солнечно-ветровой электростанции мощностью 10 МВт в этрапе Гызыларбат Балканского велаята. Этот проект является не просто пилотным, а центром компетенций и образцом для будущих крупномасштабных инициатив, демонстрируя успешное сочетание передовых технологий и природных ресурсов.

Параллельно Туркменистан активно развивает научно-производственный потенциал. На базе Государственного энергетического института Туркменистана создан Научно-производственный центр «Возобновляемые источники энергии», который ведет работу над:

• Разработкой методики расчета и внедрением комбинированных газотурбинных и солнечных электрических станций.

• Изучением возможности производства «зеленого» водорода через электролиз, используя электроэнергию от ВИЭ.

• Исследованием потенциала отечественного производства солнечных панелей, опираясь на богатые запасы кремния в пустыне Каракумы.

Стремление Туркменистана к устойчивому развитию находит отражение в его активном участии в международном сотрудничестве. Страна является участником Рамочной конвенции ООН об изменении климата и Парижского соглашения, взяв на себя обязательство по достижению нулевого роста выбросов парниковых газов, начиная с 2030 года.

Взаимодействие с такими международными партнерами, как Международное агентство по возобновляемым источникам энергии (IRENA), Программа развития ООН (ПРООН) и Азиатский банк развития (АБР), обеспечивает приток передовых технологий, технической помощи и инвестиций.

Развитие электроэнергетики Туркменистана — это история успеха, где традиционные энергетические преимущества гармонично дополняются инновационным подходом к «зеленым» технологиям. Это не просто смена приоритетов, а создание мощного фундамента для устойчивого, экологически чистого и процветающего будущего, которое обеспечит энергетическую безопасность не только на национальном, но и на региональном уровне. Курс на «зеленую» энергетику — это стратегия на долгие десятилетия, приносящая пользу и экономике, и окружающей среде, и благосостоянию граждан.

***Абдырахым АЛТЫЕВ,***
***Государственное информационное агентство Туркменистана, редактор.***




# KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARYNYŇ DÖWREBAP WEZIPELERI

*Awazadaky okuw-maslahatynyň esasy meselesi boldy*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwletimiziň we jemgyýetimiziň öňünde duran ägirt uly taslamalarydyr maksatnamalary durmuşa geçirmekde jemgyýetçilik guramalaryna aýratyn orun degişli. Öz agzalarynyň zähmet çekmäge hukuklaryny, işgärleriň ýaşaýyş-durmuş we zähmet şertlerini goramak, zähmetde öňdebaryjylary höweslendirmek, olaryň oňaýly şertlerde dynç almaklary barada hemişe alada etmek, ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak hem-de hünär derejesini kämilleşdirmek bilen yzygiderli meşgullanmak ýurdumyzyň kärdeşler arkalaşyklarynyň möhüm wezipeleriniň hataryndadyr. Kärdeşler arkalaşyklarynyň ähli derejedäki guramalary hem, ilkinji nobatda strategik döwlet maksatnamalaryny, hormatly Prezidentimiz tarapyndan kesgitlenilýän anyk wezipeleriň many-mazmunyny, ähmiýetini halk köpçüliginiň arasynda wagyz etmek arkaly olaryň üstünlikli amala aşyrylmagyna mynasyp goşant goşmakda aýratyn işjeňlik görkezýärler.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Daýanç» sagaldyş merkezi ýylyň ähli paslynda-da köp adamly. Bu sapaly ýerde ildeşlerimizdir çagalar saglygyny dikeldýärler we dynç alýarlar. Şunuň bilen bilelikde sagaldyş merkezinde konferensiýalardyr okuw-maslahatlary we beýleki çäreler yzygiderli geçirilýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 31-nji martynda

Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň «Daýanç» sagaldyş merkezinde Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň VI konferensiýasynyň, şeýle hem 1 – 4-nji aprelde bu kärdeşler arkalaşygynyň, Türkmenistanyň Söwda we telekeçilik ugrunyň işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň hem-de Türkmenistanyň Awtoulaglar we ýol hojalyk işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň Geňeşleriniň guramagynda «Ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda kärdeşler arkalaşyklarynyň mynasyp orny» atly okuw-maslahatyň geçirilmegi hem muňa şaýatlyk edýär. Tassyklanan meýilnama laýyklykda geçirilen bu möhüm çärelere kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň başlyklary, gaznaçylary, derňew toparynyň we Geňeşiň agzalary, şeýle-de kärdeşler arkalaşyklarynyň welaýat birleşmeleriniň utgaşdyryjylary, hünärmenleri we işjeň agzalary gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň VI konferensiýasynyň gün tertibinde Geňeşiň 2021 – 2025-nji ýyllarda ýerine ýetiren işleriniň hasabaty, onuň 2026 – 2030-njy ýyllarda alyp barjak işleriniň esasy ugurlary hem-de kärdeşler arkalaşygynyň başlygyny we Geňeşiň täze düzümini saýlamak ýaly meselelere garaldy hem-de olar boýunça degişli karar kabul edildi.

Ýokary guramaçylyk derejesinde guralan okuw maslahatynda «Ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda kärdeşler arkalaşyklarynyň mynasyp orny» atly tegelek stoluň başynda söhbetdeşligiň guralmagy, kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynda maliýe serişdelerini talabalaýyk ulanmak hakynda okuwyň we arkalaşyklaryň ilkinji guramalarynyň gündelik işinde ýüze çykýan soraglar boýunça sowal-jogap arkaly maslahatyň geçirilmegi oňa gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda gazanylan üstünlikleriň ähmiýetini, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmekde, zähmet kanunçylygyny düşündirmekde, ýaş nesilleri watançylyk ruhunda terbiýelemekde, howpsuz iş şertleriniň üpjün edilişine gözegçiligi amala aşyrmakda kärdeşler arkalaşyklarynyň alyp barýan işleriniň gerimini giňeltmek we olaryň netijeliligini gazanmak maksady bilen guralan bu okuw maslahaty oňa gatnaşyjylar üçin bilimdir hünär başarnyklaryny kämilleşdirmek, özara tejribe alyşmak babatda özboluşly meýdança bolup hyzmat etdi.

Çäräniň çäklerinde okuwa gatnaşyjylar dynç alşyň we saglygy berkitmegiň aňrybaş şertlerini özünde jemleýän tebigy zolakda ýerleşýän «Daýanç» sagaldyş merkezinde okuw-maslahat bilen bilelikde bedenterbiýe-sagaldyş we sport çäreleriniň hem guramaçylykly geçirilendigini kanagatlanma bilen bellediler.

***Goçmyrat BABAÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy, Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygy Geňeşiniň başlygynyň orunbasary.***

***Ýazjeren MAWSUMOWA,***
***Geňeşiň esasy hünärmeni.***





# SENAGAT KÄRHANALARYNDA ÝANGYN HOWPSUZLYGY

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň durnukly ösüşini üpjün etmekde döwletli işler durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň has-da ilerlemegi üçin maksatnamalaýyn başlangyçlar amala aşyrylýar.

Mälim bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatlarynda ähli amatlyklary bolan, dünýä ölçeglerine kybap gelýän ýaşaýyş jaýlarynyň, medeni-durmuş maksatly binalaryň, döwrebap edara-kärhanalaryň birnäçesi gurlup ulanylmaga berilýär, öňden bar bolanlarynyň durky täzelenýär. Bularyň ählisi mähriban halkymyz hakda edilýän aladanyň aýdyň güwäsi bolup durýar. Häzirki wagtda halkymyzyň bagtyýar durmuşy we ýaşaýşy üçin amala aşyrylýan beýik işleriň özi ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini üpjün etmek meselesine has oýlanyşykly we jogapkärli çemeleşmegi talap edýär, ýangyn hadysalarynyň öňüni almagyň, onuň düzgünlerini doly ýerine ýetirmegiň ähmiýetini artdyrýar. Şunuň bilen baglylykda senagat kärhanalarynda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek meselesine ünsi çekmek isleýäris.

Türkmenistanyň «Ýangyn howpsuzlygy hakyndaky» kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda, senagat kärhanalarynda ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek we ýangyn howpsuzlyk çärelerini öz wagtynda ýerine ýetirmek jogapkärçiligi

şol kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenilýär. Edaradyr kärhanalarda ilkinji nobatda, ýangyn howpsuzlygynyň çäreleri babatynda gözükdirmeler müdirlikleriň, bölümleriň, sehleriň, ammarlaryň, barlaghanalaryň ýolbaşçylary tarapyndan işlenilip taýýarlanmaly. Olar ýerli ýangyn howpsuzlyk bölümleri bilen ylalaşylyp, edaradyr kärhananyň baş inženerleri tarapyndan tassyklanylmaly. Gözükdirmelere çig malyň, taýýar önümiň saklanylyşynda, önümçiligiň alnyp barlyşynda ýangyn howpsuzlygy boýunça işgärleriň ýerine ýetirmeli talaplary, aýratyn önümçilik tilsimatlarynda ýangynyň öňüni alyp biljek ýörite çäreler, olary togtatmagyň, ýangyn howpsuzlyk bölümlerini çagyrmagyň düzgünleri, açyk ody ulanmagyň gadagan edilen ýerleri barada maglumatlar, ýangyn hadysasy dörän halatynda işçidir gullukçylaryň borçlary, ýangyn söndüriji serişdeleri herekede getirmegiň usullary, maddalary saklamagyň tertipleridir kadalary, şeýle-de olaryň ýangyn, partlama howply häsiýetnamalary barada maglumatlar hökmany ýagdaýda girizilmelidir. Şeýle hem kärhana tarapyndan täze işe girenler bilen ýangyn howpsuzlygyndan gözükdirme geçirilmelidir.

Kärhananyň hemme binalaryna we desgalaryna päsgelçiliksiz barar ýaly şert döredilmeli. Binalaryň, desgalaryň, çig mallaryň we materiallaryň üýşürilen ýerlerinde ýangyn ýodalaryny ýapmak gadagandyr. Kärhananyň çägi we önümçilik meýdançalary ýangyn howply zir-zibillerden we önümçilik galyndylaryndan arassalanan bolmaly.

Galyndylar ýöriteleşdirilen awtoulaglarda, gaplarda kärhananyň çäginden çykarylmalydyr. Adamlaryň halas ediş ýollarynda hiç hili päsgelçilik bolmaly däl. Halas ediş gapysyny gulplamak, çüýlemek gadagandyr, ol diňe içinden kilt bilen ildirilmelidir. Halas ediş ýollaryna ýanyjy materiallary düşemeklige ýol berilmeýär. Senagat kärhanalarynyň önümçilik sehlerinde, edara jaýlarynda we binalarynda ýangyn dörände adamlary halas etmegiň meýilnamasy çyzylyp, görnükli ýerde asylyp goýulmalydyr. Kärhananyň çäginde açyk ot ýakmak, çilim çekmek, wagtlaýyn elektrosimleri, näsaz elektrik enjamlaryny ulanmak gadagandyr. Senagat kärhanalarynyň çägindäki suw howuzlary elmydama arassa, içi suwdan doly ýagdaýda saklanylmalydyr, olaryň ýanyna ýangyn söndüriji ulaglar päsgelçiliksiz barar ýaly bolmalydyr. Içki ýangyn kranlary ýangyn suw geçirijileri, suw pürküjileri bilen üpjün edilmelidir we ýörite gutularda saklanylmalydyr. Ýangyna garşy gurallary we enjamlary başga maksatlar üçin ulanmak gadagandyr. Senagat kärhanalarynyň binalaryndaky, önümçilik sehlerindäki, ammarlaryndaky agaç konstruksiýalar oda durnukly düzüm bilen işlenip geçilmelidir.

Senagat kärhanalarynyň önümçilik binalarynyň, jaýlarynyň, gurluşlarynyň ýangyn howpsuzlyk derejesi A, B bolanda, her 400 inedördül metre 1 sany ýangyn galkany we 4 sany sygymy 10 litr bolan tozly ot söndüriji, W derejeli bolanda her 500 inedördül metre 1 sany ýangyn galkany we 3 sany sygymy 10 litr bolan tozly ot söndüriji goýulmalydyr. Ýangyn galkanlarynda bolmaly enjamlar kadalara laýyk kesgitlenilişine görä bolmaly we olar gyzyl boýag bilen reňklenilmeli. Şeýle hem ot söndürijileriň ulanylyş möhletini gözegçilikde saklamaly hem-de olaryň möhleti geçende, täzeden doldurylmaly we hemişe ulanmaga taýýar ýagdaýda saklanylmaly.

Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň hem-de ýangyn howpsuzlygy bölüminiň, özüniň ýokarda duran guramasynyň bu ugurdaky tabşyryknamalaryny, talapnamalaryny we tekliplerini ýerine ýetirmek edara-kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenendir. Şonuň üçin hem olar senagat kärhanalarynyň bölümlerinde, ammarlarynda, beýleki önümçilik desgalarynda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça işleri guramaga, ähli işgärleriň şeýle maksatly düzgünleri ýerine ýetirmeklerini üpjün etmäge, ýangyn-tehniki işçi toparyny, meýletin ýangyn söndüriji toparynyň agzalaryny döretmäge gönükdirilen çäreleri durmuşa ornaşdyrmaga borçludyrlar.

***Röwşen ADINOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk bölüminiň baş hünärmeni.***

**Ягмыр Мыратбердиев, Мухамметнур Шохрадов, Айнур Шохрадова**

# ПОВЫШЕНИЕ ПРОЧНОСТИ БЕТОНА

В настоящее время наша страна уверенно идёт по пути развития и процветания, становясь одним из мощных, стабильно растущих государств мира. Наряду со всеми отраслями народного хозяйства высокими темпами развиваются строительство и промышленность. Туркменистан входит в число ведущих стран мира по объёмам осуществляемого капитального строительства.

Технический прогресс играет ключевую роль в градостроительной сфере нашей страны. Он представляет собой многогранный процесс совершенствования навыков и средств труда, технологии и организации производства на основе достижений науки, техники и предшествующего опыта. Экономия общественного труда – главная задача технического прогресса.

Перспективой совершенствования строительных конструкций в условиях индустриализации отрасли является переход от линейных к плоскостным, а затем и к объёмным элементам. В этих условиях возрастает роль научно-технического прогресса в планировании и управлении. Для создания инновационной продукции в строительно-промышленном секторе, возведения крупных промышленных предприятий и увеличения производственных мощностей в рамках импортозамещения, приоритетно решаются задачи наращивания экспортного потенциала.

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства развитие данных отраслей приобрело динамичный характер. Дальновидная политика в этом направлении и активное международное сотрудничество создают благоприятные условия для стабильного развития и экономического подъёма нашей страны. В результате целенаправленной работы, проводимой в строительной сфере, имеется возможность полного обеспечения населения и возводимых объектов высококачественной промышленной продукцией, произведенной на базе местного сырья. Строительная отрасль играет особую роль в реализации государственных программ, направленных на инновационное развитие национальной экономики, полное использование богатейших природных ресурсов, комплексное преобразование регионов страны, а также строительство современных городов и сёл [1].

Бетон и железобетонные конструкции считаются одними из наиболее распространённых материалов в строительной индустрии. Прочный бетон является залогом длительной службы зданий и сооружений. Большинство профессиональных строителей вводят в бетонную смесь специальные добавки для повышения её прочности. При кладке, штукатурке стен, устройстве каминов, печей и дымоходов необходимо использовать прочный цементный раствор. Этого можно достичь, если применять, прежде всего, качественный цемент, мытый речной или карьерный песок без примесей глины, а также использовать специальные модификаторы [2-3].

Использование добавок необходимо при производстве тротуарной плитки, которая при эксплуатации испытывает значительные нагрузки, а также высокомарочных растворов для возведения высотных зданий и сооружений. Если в качестве заполнителя применяют песок крупной фракции, то специальные пластификаторы значительно увеличивают прочность, удобоукладываемость и морозостойкость конечного продукта. Использование активных минеральных добавок приводит к экономии цемента при сохранении прочностных характеристик. Действующий ГОСТ 24640-91 разрешает использовать добавки в цемент для приготовления строительного раствора [3-4].

Пластификаторы представляют собой жидкость или порошок. При добавлении в раствор они существенно улучшают его качественные характеристики. Это необходимо при строитель-

стве особо ответственных объектов, а также при нестандартных технологиях производства бетонной смеси:

• Изготовление монолитных конструкций.

• Изготовление бетонной смеси с нестандартным заполнителем.

• Обустройство конструкций из тяжелого монолитного бетона класса М200 и более.

Добавки в бетон играют ключевую роль в улучшении его характеристик, обеспечивая необходимые свойства для различных строительных задач. Они могут быть определены как вещества, вводимые в бетонную смесь для изменения ее свойств и повышения эффективности.

Сфера использования добавок в бетон с каждым годом расширяется за счет положительного многолетнего опыта их применения.

В зависимости от основного принципа действия и химического состава, все упрочняющие компоненты, добавляемые в бетон для повышения его прочности, разделяют на несколько типов:

• Пластификаторы. Это специальные сыпучие или жидкие составы, которые используют для увеличения подвижности бетонного раствора. Пластификатор для бетона позволяет существенно снизить пористость готового изделия, что положительно сказывается на механической прочности, влагостойкости и коррозийной стойкости. При использовании пластификаторов экономится цемент.

• Ускорители и замедлители набора прочности. Эта разновидность химических веществ предназначена для ускорения или замедления твердения бетонной смеси, улучшения ее прочности, а также стойкости к изгибу и сжатию. Наличие ускорителей набора прочности позволяет снизить продолжительность термической обработки, что сокращает технологический цикл производства железобетонных изделий.

Модификаторы бетона для повышения пластичности – это поверхностно-активные вещества, способные образовывать пленку толщиной в сотни тысяч раз меньше, чем размер цементных частиц. Именно поэтому пластификаторы добавляют в очень небольшом количестве. Количество пластифицирующих добавок в бетонной смеси (в частности, суперпластификатора) составляет 2–4% от массы цемента. Благодаря им можно управлять концентрацией влаги, что ведет к облегчению кладки блоков. Все присадки призваны повышать качество бетонного монолита, в том числе и увеличивать его эластичность.




**Рис.1. Виды пластификатора**

Такие пластификаторы предотвращают растрескивание бетона, способствуют его устойчивости к температурным колебаниям, препятствуют расслоению раствора и увеличивают продолжительность срока его жизни.

Эффективность добавок определяется сравнением показателей качества бетонных смесей с контрольными составами, что позволяет оптимизировать их дозировку для достижения максимального эффекта. Современные производители предлагают много разнообразных вариантов добавок для формирования выраженных прочностных свойств у раствора. При осуществлении подобных строительных работ рекомендуем учитывать сезонность и тип раствора. Летом вы можете без проблем наращивать пластичность бетона, получая существенную прибавку к прочности благодаря пластификаторам искусственного происхождения.

Определяйте, раствор с какими свойствами вы желаете замесить, и смело используйте представленные в нашем материале сведения для покупки пластификаторов.

Пластификаторы — лучшая добавка в цемент для прочности, повышающая прочность кон-

струкции в среднем на 125–140%. При этом основная задача пластификатора – увеличить подвижность раствора. Также применение добавки этого вида позволяет повысить морозостойкость бетона на 1,5 марки, водонепроницаемость — до 4 марок и сократить расход связующего на 25%. Пластификаторы для бетона можно купить в строительных магазинах.

но привлекательные бетонные конструкции. Это обеспечивает не только устойчивость и долговечность строений, но и способствует развитию экологически чистых и устойчивых строительных практик.

С учетом стремительного развития строительной индустрии и непрерывного совершенствования материаловедения в нашей стране, можно




**Рис.2. Бетон без пластификатора и с пластификатором**

с уверенностью сказать, что будущее за инновационными решениями, которые будут продолжать улучшать и расширять применение бетона в самых разнообразных строительных проектах. Таким образом, глубокое понимание свойств бетона, а также умение правильно выбирать и использовать добавки, улучшающие свойства данного типа материала, остается ключевым фактором успеха в реализации современных строительных задач.

Повышение прочности бетона через добавление разнообразных добавок является фундаментальным аспектом современного строительства. Эти технологии не только способствуют улучшению физических и эстетических характеристик бетонных изделий, но и открывают новые возможности для архитектуры и инженерии.

Применение современных технологий и материалов позволяет строителям и дизайнерам создавать более надежные, долговечные и визуаль-

**ЛИТЕРАТУРА:**

1. Serdar Berdimuhamedow. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň sanly menzilleri. - A., Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2024. – 368 s.
2. Kazyýew A.S. Gurluşyk prosessleriniň tehnologiýasy. - A., Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012. - 271 s.
3. Ю. М. Баженов. Технология бетона. М., 1987. – 415 с.
4. ГОСТ 24640-91. Добавки для цементов. М., 1991. – 9 с.

# MAZMUNY

# СОДЕРЖАНИЕ

# CONTENTS


1 Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkyna

2 B. MEŇLIÝEW – Sagdynlygyň we ruhubelentligiň baýramy

4 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – «At münen alysa gözlär», ýa-da Bedew ýyly türkmen durmuşynda

9 Hormatly Prezidentimiziň bedew hakynda aýdanlaryndan

10 Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabyndan. Türkmeniň naýbaşy mirasy

12 A. TOÝLYÝEW – Ylym – bilim — beýik ösüşleriň gözbaşy

14 T. AKMÄMMEDOW – Abraýy arşa göterilen «Galkynyş»

16 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Watan gahrymanlary unudylmaýar

18 G. TAGANDURDYÝEWA – Döwletliligiň we berkararlygyň binýady

20 A. HUDAÝBERENOW – «Baýdagym, barlygym, ýanbermezligim»

21 A. NAZAROWA – Bagtyýarlyk döwrümiziň bagt şäheri

25 H. PIRIÝEW – «Ýaşyl» tehnologiýalar şäheri — aýratyn ähmiýetli wakalaryň merkezi

28 G. ORAZBERDIÝEW – Gurmak we döretmek — beýik geljegiň binýady

30 E. ÇARLYÝEW, J. GURBANOW – Döwrebap, durnukly ulag ulgamy

32 A. MELÄÝEW – Ulag-logistika ulgamynda täze ösüşler

35 M. ANNAMUHAMMEDOW — Täze ýaşaýyş jaýlary — ajaýyp baýramçylyk sowgady

37 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni bellenildi

38 B. BÄŞIMOW – Daşky gurşawyň abadançylygy — ynsan bagtyýarlygy

40 O. MELEKEÝEWA – Ösüşler we olara berilýän täze badalgalar...

42 N. NAZAROW – Täze medeni ösüşleriň beýany

45 Ş. ROZWELIÝEWA – Eziz Diýar dünýä barýar

46 A. JUMADOW – Arkadagdan arkaly dünýä... Men Watanyň ogly, barlygym Watan!

47 M. GURBANOW – Waspnama
A. ORAZOW – Bedew batly at-myradyň mekany!

48 А. АЛТЫЕВ – Энергия будущего: уверенные шаги Туркменистана к «зеленой» энергетике

50 G. BABAÝEW, Ý. MAWSUMOWA – Kärdeşler arkalaşyklarynyň döwrebap wezipeleri

52 R. ADINOW – Senagat kärhanalarynda ýangyn howpsuzlygy

54 Я. МЫРАТБЕРДИЕВ, М. ШОХРАДОВ, А. ШОХРАДОВА – Повышение прочности бетона






**«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»**
žurnaly Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 767-nji Karary esasynda 3 aýda 1 gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. №2, 2026-njy ýyl.

**Baş redaktor:** T. Nurow.

**Jogapkär kätip:** G. Orazberdiýew.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
R. Esedulaýew, O. Geldiýew,
B. Bäşimow, A. Jumadow,
D. Gadamow, R. Nurberdiýew.
Sany 3 575. Sargyt №2031. Bahasy 25 manat.
Formaty 60x90 1/8, çap listi – 7.
**«Türkmenistanyň senagaty»** žurnalyndan materiallar, suratlar göçürilip çap edilende, žurnala salgylanmak hökmandyr.
Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý.
Tel.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Žurnal Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. A –119138.

Журнал **«ПРОМЫШЛЕННОСТЬ ТУРКМЕНИСТАНА»** издается в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана № 767 от 6 мая 2018 года 1 раз в 3 месяца, на туркменском, русском и английском языках. №2, 2026 год.

**Главный редактор:** Т. Нуров.

**Ответственный секретарь:** Г. Оразбердыев.

**Редакционная коллегия:**
Р. Эседулаев, О. Гельдыев, Б. Бяшимов,
А. Джуматов, Д. Гадамов, Р. Нурбердыев.
Тираж 3 575. Заказ №2031 Цена 25 манат.
Формат 60x90 1/8. 7 печатных листа.
При перепечатке материалов и снимков из журнала, ссылка на **«Промышленность Туркменистана»** обязательна.
Адрес редакции: 744036. г.Ашгабад, проспект Арчабил, 132.
тел.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Журнал отпечатан в Центре печати.
Ответственность за качество печати журнала несет Центр печати.

**«INDUSTRY OF TURKMENISTAN»** magazine 744036.
Turkmenistan, Ashgabat, Archabil prospect, 132 ntl: +99312 39-49-36.

## 2026-njy ýylyň 24-25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli «Ak şäherim Aşgabat» atly XXV köpugurly halkara sergisi geçirildi










